TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

MAGTYMGULY ADYNDAKY TÜRKMEN
DÖWLET UNIWERSITETI

MERETDURDYÝEW BEGENÇ

# Muzeýi öwreniş

## Ýokary okuw meksdepler üçin okuw gollanmasy

**Türkmenistanyň Bilim ministrligi
tarapyndan hödürlenildi**

Aşgabat – 2010

**© Begenç Meretdurdyýew. Muzeýi öwreniş**

Ýokary okuw mekdepleriniň taryh hünäriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. Aşgabat, 2010.

## Muzeý öwrenişe giriş

Adamzat jemgyýetiniň häzirki ösüş derejesi durmuşyň hemme çäginde ylmyň ähmiýetiniň hemişe ýokary göterilmegine täsir edýär. XX asyryň ortalaryndan başlap ylmy-tehniki rewolýusiýanyň bagt bilen durmuşyň ähli pudaklaryna ornaşdyrylyp başlanmagy ylmyň jemgyýetçilik ösüşiniň esasy ugurlarynyň birine öwrülmegine sebäp boldy. Biziň ýurdumyzda ylmyň uly mümkinçilikleri ýurdumyzyň hemme tarapdan ilerläp öňe gitmeginde peýdlanylýar. Soňky ýyllarda medeniýetiň dürli pudaklarynyň ösmegine ýardam etýän ylmy barlag işleri-de giňden ýaýbaňlandyryldy.

Türkmenistanyň muzeýleri ylym we medeniýet merkezleri hökmünde halka hyzmat edip, biziň garaşsyz we bitarap Türkmenistanymyzyň öňde goýýan beýik meýilnamalarynyň üstünlikli amala aşmagyna öz uly goşandyny goşýar. Çünki muzeý maddy we ruhy medeniýetiň hakyky ýadygärliklerini özünde jemläp, halkyňruhy galkynşynda uly rol oýnaýar.

Muzeýi öwreniş ylmy ders bolup, muzeýleriň döreýşiniň we ösüşiniň kanunylaýyklaryny, olaryň durmuş wezipelerini, ol wezipeleriň jemgyýetçilik ösüşiniň dürli etaplarynda durmuşa geçişiniň görnüşlerini we usullaryny öwrenýär.

Muzeý işi – jemgyýetçilik işiniň özboluşly pudagy bolup, ylma, bilime, terbiýe işlerine, medeniýete gatnaşygy bolan, umuman jemgyýetçilik ösüşiniň ähli ugurlarynyň hiç-biri hem çetde galmaýan işlerini öz içine alýar.

″Muzeýler we muzeý işi hakyndaky Türkmenistanyň kanunynyň″ 2-nji maddasynda muzeý işine şeýle düşündiriş berilýär:

″Muzeý işi – munuň özi maddy we ruhy medeniýetiniň ýadigärliklerini toplamak, öwrenmek we peýdalanmak boýunça muzeýler tarapyndan amala aşyrylýan medeni aň-bilim we ylmy işleriň ýörite ugrudyr.″

Ýokarda agzalan kanunyň 1-nji we 3-nji maddalarynda Türkmenistanda muzeý işiniň we milli muzeý syýasatynyň esasy ugurlary kesgitlenilýär.

Muzeý işiniň esasy ugurlary şulardan ybaratdyr, ýagny:

medeni aň-bilim, ylmy-barlag işlerinden;

muzeý nusgalaryny toplamakdan;

ekspozisiýa, fond, neşir, abatlaýyş, ýadygärlik-gorag işlerinden;

Muzeýler ýuridiki tarap bolup durýarlar, mundan başga-da olar kärhanalarda, edaralarda, guramalarda, okuw jaýlarynda döredilýärler we hereket edýärler.

Milli muzeý syýasaty – munuň özi döwlet we jemgyýetçilik işiniň muzeý işi babatdaky esasy ugrunyň we ýörelgeleriniň jemidir.

Milli muzeý syýasatynyň esasy ugurlary şulardan ybaratdyr, ýagny:

muzeý işiniň netijeliligi üçin durmuş- ykdysady, hukuk hem-de ylmy şertleri üpjün etmekden;

muzeý işiniň häzirki zaman gurluşyny kemala getirmäge ýardam bermekden;

muzeýler setini goldamakdan we ösdürmekden;

muzeý hünärmentlerini taýýarlamagy, olary hünär ussatlyklaryny ýokarlandyrmagy, olary hukuk we durmuş taýdan goramagy üpjün etmekden;

muzeý işini ösdürmegiň döwlet we ýerli meýilnamalary işläp düzmegi hem-de durmuşa geçirmegi, üpjünçilik taýdan maliýeleşdirmekden (şol sanda paýlaýyk başlangyçlardan) we ilkinji nobatda material-tehniki taýdan üpjün etmekden;

muzeýleri goramagy üpjün etmekden;

muzeý işi bilen baglanşykly ylmy-barlaglary goldamakdan;

muzeý işi babatda halkara hyzmatdaşlygyna ýardam etmekden.

Adamzadyň ösüş ugrunyň ýüze çykýan meseleleri çözmekde muzeý işiniň derejesiniň ýokarlamagy-da uly rol

oýnaýar. Sebäbi şu wagta çenli toplanan tejribäni düýpli nazarýet oýlanmalarsyz, onuň esasy häsiýetine, kanunalaýyklygyna başgaça aýdanymyzda ylymsyz akyl ýetirip bolmaýar.

Ýörite edebiýatlarda mälim edilýän, muzeý işiniň umumylaşdyrylan meselelerini hünär muzeý tejribesinde peýdalanýan bilimleriň jemine biziň döwrümizde ″muzeologiýa″ (muzeýi öwreniş) diýip atlandyrylýar.

Bu adalga XIX asyryň II-nji ýarymynda ýüze çykandygyna seretmezden häzirki wagtda köp dillere ornaşdy. XIX asyryň ortalaryna çenli muzeografiýa ulgamyna degişli ýazylýan ähli işler degişli edilýärdi. Emma XX asyryň ortalaryndan muzeografiýa adalgasy bilen köplenç muzeýleriň ýazylyp beýan edilmegine düşünilip başlanyldy. Birnäçe wagtlap ″Muzeografiýa″, ″Muzeologiýa″ adylgalary muzeý işinde bilelikde ýöredilipdir. Bu-da birnäçe oňaýsyzlyklaryň ýüze çykmagyna sebäp bolupdyr.

Muzeýi öwreniş diýlip köp halatlarda ″muzeý işi hakyndaky ylyma″, ″muzeý hakynda ylyma″ ýa-da örän gysga ″muzeý teoriýasyna″ düşünilýär. Şeýle beýan ediliş ylmy dersiň we onuň obýektleriniň biri bolan-muzeýiň edara hökmünde özara baglanyşygyny hasaba alýar. Emma şu günki gün şeýle düşündiriş bilen kanagatlanyp bolmaýar. Sebäbi ″Muzeýi öwreniş″ adalgasynyň aňladýan kesgitleýji alamatlaryny,

düşünjäniň özüniň anyk aňlatmasyny ýüze çykarmak meselesi ör boýuna galýar. Häzire çenli bu hakda ýeke täk, umumy ykrar edilen ylmy taýdan anyklanan düşündiriş ýok.

Ylmyň ″öz-özüni ykrar edişi″, onuň ösüşiniň belli bir etapynda ylmy bilimleriň toplanyşyndan pes gidýändigini ylymlaryň taryhy görkezýär.

Muzeýi öwreniş tejribäni umumwlaşdyrmagyň we maglumatlary düzgünleşdirmegiň (XVI asyrdan bäri) uzak ýoluny geçip, özüniň nazaryýet ulgamyna, düşünjesine, usulyna we beýleki ylymlaryň arasyndaky ornuna düşünip başlady. Ýöne XX asyryň 60-70-nji ýyllarynda muzeýi öwrenişiň umumy teoriýasynyň elementleriň döredilmegi, esasy düşünjeleriň kemala gelmegi onuň ösüşinde möhüm ugur boldy.

Muzeý öwrenişe degişli edebiýatlarda muzeýi öwrenişe ylmy ders hökmünde düşündirilişi bir meňzeş däl. Mysal üçin öňki sosialistik gurluşda bolan ýurtlarda muzeýi öwreniş özbaşdak ylym hökmünde hasaba alnypdyr, ýöne onuň häsiýetli alamatlarynyň kesgitlenişinde birnäçe tapawut bolupdyr.

Muzeýi öwrenişiň kesgitlemesindäki tapawudyň esasynda diňe bir ylmy dersiň esasy düşünjeleriniň ýeterlik işlenmändigi bolman, eýsem ylmy kesgitlemeleriň gurluşyna dürlüçe çemeleşmeklik hem bolupdyr.

Muzeý öwreniş-muzeý nusgalarynyň üsti bilen bilimleri we duýgulary içirip bilýän, durmuş habarlaryny, akyl ýetiriş akymyny saklamaklygy öwrenýän gumanitar ylymdyr. Ol jemgyýetçilik instituty hökmünde muzeý işini we onuň görnüşlerini, durmuş işjeňligini we olaryň dürli gurluşly ýurtlarda durmuşa geçişini öwredýär.

Muzeýi öwreniş ýörite ders bolup, muzeý işiniň tejribesiniň nazary we ylmy usulyýetiniň esasyny döredýär, onuň taryhy tejribesini umumylaşdyrýar.

2.Hemme ylymlarda boluşy ýaly muzeýi öwrenişiň hem öwrenýän kesgitli obýekti we predmeti bar.

Muzeýi öwrenşiň obýekti – bu jemgyýetçilik hadysalary hökmünde muzeý we muzeý işidir. Ýöne bu obýekt belli bir derejede taryh, hususanda medeniýetiň taryhy, sungaty öwrenşi, sosiologiýa ýaly ylymlaryň kömegi bilen-de öwrenilip biliner.

Muzeýi öwrenişe ylym berijilik düşünjäni we ölçegi peýdalanyp, bu ugurdaky barlaglara daýanyp muzeýi öwrenişiň predmetine şeýle kesgitleme berip bolar:

Muzeýi öwrenşiniň predmeti-durmuş maglumatlaryny toplamaklyga we saklamaklyga, muzeý predmetleriniň üsti bilen bilmeklige we bilimleri, däp-dessurlary, göz öňüne getirmeleri, duýgulary, başga birlerine geçirmeklige, muzeý we muzeý işiniň ýüze çykyşyna, ösüşine we jemgyýetçilik

wezipesine ýerine ýetirmegine degişli bolan obýektiw kanunalaýyklyklarynyň toplumydyr.

Muzeýi öwrenişde muzeýi öwrenişiň predmeti diýen düşünjeden başga-da muzeý predmeti diýen düşünje hem bar.

Muzeý predmeti – bu real hakykatdan bölünip aýrylan, uzak wagtlap saklanmaga ukyply we muzeý ýygyndysyna goşulan muzeý ähmiýetli predmetdir. Ol durmuş we tebigy-ylmy habarlary göteriji, ylmy-taryhy gymmatlyklaryň, duýgularyň, bilimleriň hakyky çeşmesi – milli baýlygymyzyň bir bölegi bolup durýar.

Muzeý predmetiniň gymmaty muzeýi öwreniş we bu ugurdan ylmy barlaglar netijesinde ýüze çykarylýar we hasaba alynýar.

Muzeý predmeti muzeýiň ähli işiniň esasy, onuň işjeňligini durmuşa geçiriji hökmünde çykyş edýär.

3. Muzeý öwrenişde ″muzeý″ we ″muzeý işi″ diýen düşünjeleriň möhüm ähmiýeti bardyr. Mälim bolşy ýaly, sosial institutlaryň dürli görnüşleri anyk taryhy şertlerde öňünden kesgitlenýär. Muzeýleriň ösüşüniň kanunalaýyklygy, olaryň ýerine ýetirijiligi, içki gurluşy, ylym, medeniýet, bilim, terbiýe bilen baglanyşygy ýörite ylmy derňewleri talap edýär.

Muzeýi öwreniş ösüşiniň hemme döwründe muzeý düşnkesiniň we onuň jemgyýetdäki ornuna düşünmeklige

synanşyk edipdir. Netijede bolsa, muzeýiň dürli kesgitlemelerini ýüze çykypdyr.

″Muzeý″ düşünjesini kesgitlemek üçin bu institutyň gelip çykyşyny anyklamak örän möhümdir.

″Muzeý″ latyn sözünde - ″museum″, grek sözünde ″museion″ bolup muzlaryň ybadathanasy diýen manyny beripdir. Muza grekleriň musa sözünden gelip çykyp, gadymy grek mifologiýasyndaky poeziýa sungata we ylma hemaýatkärlik ediji dokuz hudaýyň her birini aňladypdyr.

1) Uraniýa – astronomiýanyň hemaýatkäri.
2) Kallion – eposyň hemaýatkäri.
3) Klio – taryhyň hemaýatkäri.
4) Melpomen – tragediýanyň hemaýatkäri.
5) Poligimniýa – gimnleriň we pantanomimimýanyň hemaýatkäri.
6) Paliýa - komediýanyň hemaýatkäri.
7) Erota – söýgi poeziýasynyň hemaýatkäri.
8) Terpsihora – tanslaryň we hor aýdymlarynyň hemaýatkäri.
9) Ýewterpa – liriki poeziýanyň we sazyň hemaýatkäri.

Şu ýokardakylardan görnüşi ýaly, gadymy grek mifologiýasy boýunça şygyrýete, sungata we ylma

hemaýatkärlik ediji dokuz hudaýyň-muzalaryň bolýan ýerine muzlaryň ybadathanasy diýipdirler. Grekler öz mifologiýasyndan ugur alyp şygyrýete, sungata we ylma degişli geň-enaýy zatlaryň saklanan ýerine ″museion″, ýagny muzlaryň ybadathanasy diýip at goýupdyrlar.

Şeýle-de bolsa taryhy tejribäniň şaýatlyk etmegine görä, käbir ýurtlarda muzeý edaralary başga dürli adalgalar bilen-de aňladylýar. Mysal üçin Wýetnamda muzeýler ″bao ting″ (boata) diýlip atlandyrylýar. Wýetnam dilindäki ″bao″-eý görülýän zat, ″ta″-saklanýan jaý, ýagny eý görülýän zatlaryň saklanýan jaýy diýen manyny berýär. Bu adalga muzeýiň düýp mazmunyny has anyk ýüze çykarýar.

Umuman muzeýe häzirki zaman düşünilişine laýykda şeýle kesgitleme berip bolar:

Muzeý – bu taryhy-medeni we tebigy-ylmy baýlyklary saklamak üçin niýetlenen, muzeý predmetleriniň üsti bilen habarlary toplamaga we ýaýratmaga ukyply bolan, taryhy taýdan şertli sosial habarly köpfunksiýaly institutdyr.

Başgaça aýdanymyzda muzeýler-komplektleýiş, saklaýyş işlerini amada aşyrýan, taryhy-medeni ýadygärlikleri öwrenýän hem-de olar barasynda ilat arasynda düşündiriş işlerini geçirýän, maddy we ruhy medeniýeti-tebigaty, adamzat jemgyýetiniň ösüşini düýpli öwrenmek işleri bilen meşgullanýan ylmy, aň bilim ýaýradyjy edaradyr.

″Muzeýler we muzeý işi hakynda Türkmenistanyň kanunynda″ muzeýlere şeýle düşündiriş berilýär:

″Muzeýler – munuň özi tebigat ýadygärliklerini, maddy we ruhy medeniýeti öwrenmek, raýatlary milli hem-de dünýä taryhy-medeni mirasynyň gazaplary bilen tapyşdyrmak üçin niýetlenen medeni aň-bilim we ylmy barlag edarasydyr″.

4. ″Muzeýi öwrenişiň″ usullary üçin häsiýetli zatlar şu aşakdakylardyr:

1) Muzeý kommunikasiýasyny amala aşyrmakda, muzeý predmetlerini öwrenmek prosessinde jemgyýetçilik we tebigy ylmyň dürli usullary ulanylýar. Ýörite we kömekçi taryhy dersleriň, sungaty öwrenjileriň, edebiýaty öwrenişiň usullary giňden peýdalanylýar. Ekspozisiýalar, sergiler taýarlanylanda, muzeýe gelýänleriň bilim-terbiýe işleriniň dürli görnüleri öwrenilende pedagogikanyň we psihologiýanyň usullary peýdalanylýar.
2) Birnäçe tebigy we jemgyýetçilik ylymlarynda bar bolan meýdan barlaglaryny ulanmak usuly. Bu usul häzirki döwürde hereket edýän ulgamy öwrenmekde ulanylýar.
3) Jemgyýetçilik durmuşyna gönüden-göni gözegçiligi ulanmak usuly.

4) Ekspozisiýalary we olary özleşdirmek ugrundaky barlaglar muzeý predmetlerini täzeden dikeltmek we rejelemek işleri boýunça tejribi usullary ulanmaklyk talap edilýär.

Muzeýi öwrenişde ýokrda sanalynan ylmy usullar barlag predmetleriniň aýratynlyklaryna görä üýtgäp biler.

## §2 Muzeý öwrenişiň gurlyşy

1. Muzeýi öwreniş beýleki ylmy dersler ýaly bilimleriň ulgamy bolup, belli bir guramaçylyk gurluşa eýedir. Ylmyň gurluşy onuň predmeti, usuly, teoriýasy bilen organiki baglanyşykly bolup durýar.

Muzeýi öwreniş taryhy, teoretiki amaly elementleri özüne birikdirýär.

a) Mgzeýi öwrenişiň taryhy we taryhnamasy.
b) Teoriýasy
c) Muzeý çeşmeşykaslygy
d) Amaly mgzeýi öwreniş

Muzeýi öwrenişiň gurluşyna girýän ähli bölümler üçin birek-bireginiň arasyndaky berk baglanşykly we özara gatnaşyklyk häsiýetlidir. Olaryň aýry-aýry elementleri hakyky bolsa-da, biri-birinden aýrabaşgalaýyn göz öňüne getirip bolmaýar. Bu ilki bilen muzeýi öwrenişiň ususlyýetine we taryhyna degişlidir.

Muzeýi öwrenişiň taryhnamasy ylmyň ösüşini derňeýär, hem-de onuň öňe ilerlemegine gönükdirilip teoriýa, ylaýta-da taryh bilen aýrylmaz baglanşykly bolup durýar.

Amaly muzeýi öwreniş bir tarapdan praktiki tejribä taryhy düşünmeklige, ikinji tarapdan teoretiki, esaslarynyň işleşik taýýarlanmasyna daýanýar. Şol bir wagtyň özünde

amaly muzeýi öwreniş ususlyýetine işläp taýýarlananlyga işeňňir ýardam edýär.

Ýokarda görkezilen muzeýi öwrenişiň giňeldilen gurluşy diňe bir tutuş muzeý işine, ähli profilli we görnüşli muzeýleriň umumy kanunalaýyklaryna degişli bolman, eýsem hususy kanunalaýyklardan ugur alýan, kesgitli ugurly (aýratynlygy anyk ylmy, sungatyň görnüşlerine, önümçilige golaý muzeýler) ýörite muzeýlere hem degişlidir. Şu ýagdaýda umumy we ýörite muzeýi öwrenişiň ýeke-täk predmet ugry bardyr, ýöne bütin we bütiniň bölegi hökmbnde olar tapawutlanýarlar.

2. Muzeý işiniň, taryhy ″muzeý isleginiň″ ýüze çykmagynyň sebäplerini, şol islegi kanagatlandyrmak üçin ýüze çykýan jemgyýetçilik institutlarynyň ähli görnüşleriniň gelip çykyşyny we taryhy tejribesini, olaryň dürli taryhy şertlerde dowam etmegi muzeý syýasatynyň setini we muzeý işini gurmaklygy, muzeýlere we ýadygärlikleri goramaklyga degişli kanunçylygyň taryhyny öwrenýär.

Muzeýi öwrenişiň bu elementi, taryh ylmy tutuşlygyna, medeniýeti muzeýdäki aýry-aýry dersleriň taryhy bilen-de galtaşýar. Taryh muzeýlerine degişli bu taryh ýörite we kömekçi dersleriň ähli kompleksini topuň ýaly-da medeniýetiň taryhy, harba taryh we ş.m. ylymlaryň aýratyn bölümlerini öz içine alýar. Bu zatlaryň hemmesi teoretiki we amaly meseleleri çözmekde hakyky ylmy çemeleşmeklik üçin esas döredýär.

Muzeý öwrenişiň taryhnamasy muzeý işiniň taryhynyň bölegi hökmünde muzeýi öwrenişe degişli edebiýatlarda we başga çegmelerde beýanyny tapýan ylmyň özüniň taryhyny öwrenýär. Taryhnama barlaglarynyň obýekti bolup muzeý problematikasyny işleýän edaralaryň taryhy hem bolup bilýär. Olara muzeýleriň özleri we ýöriteleşdirilen institutlar, teoretiki we ylmy-metodik merkezler, kafedralar, ylmy jemgyýetler degişlidir.

Taryhnama diňe bir dürli sosial-ykdysady faktorlar bilen baglanşykly ylmyň meselerini ýüze çykarman, eýsem dersiň mundan buýana ösüş ugruny salgy berýär.

3. Muzeý işiniň usulyýeti dört sany esasy ugurlary öz içine alýar:

a) Muzeýi öwrenişiň umumy usulyýeti ylmy ders hökmünde.

b) Resminamalaşdyryş usulyýrti.

c) Ylmy fond işleriniň usulyýeti .

d) Muzeý aragatnaşyklarynyň usulyýeti.

Muzeýi öwrenşiň umumy usulyýeti ylmyň obýektine, predmetine, usulyna, gurluşyna, onuň ylmy dersleriň ulgamyndaky ornuna düşünýär, dürli ylymlar bilen özara sazlaşygyň meselelerini çözýär; ylmyň ylmy gurluşyny we dilini işläp taýýarlaýar; muzeý gatnaşyklarynyň tebigatynyň hakykatyny, muzeý predmetiniň fenometini ýüze çykarýar,

muzeýleriň jemgyýetçilik funksiýalary bilen baglanyşykly problemalary işläp taýýarlaýar; muzeýi öwreniş ugry başga fundamental we amaly barlaglaryň häsiýetini kesgitleýär.

Resminamalaşdyryş usulyýeti muzeý häsiýetliligini düşünişmeklige çalyşýan, özboluşly resminamalar görnüşinde saklanmaga we peýdalanmaga degişli, muzeý ähmiýetli zatlary ýüze çykarýan, taryhy hatyranyň elementi bolup durýan hakykylygy tassyklaýan hakykatyň dürli hakykatyň dürli taraplaryny öwrenýär. Şeýlelik bilen reallyga dokumental çemeleşmeklik ýüze çykýar.

Muzeýligi göteritiler – zatlar diňe bir äşgär edilmän, eýsem olaryň durmuş sredsyndan saýlanmalydyr, alynmalydyr.

Ylmy fond işleriniň usulyýeti- muzeýlilige akyl ýetirmeliligiň ilkinji derejesi bilen baglanşykly bolup, muzeý predmetleriniň gymmatyna, şonuň ýaly-da habarlary göterijileriň maddy mazmunyndaky saklanýan habarlara akyl ýetirmek derejesini barlamaklyk bilen meşgullanýar. Bu ususlyýet muzeý predmetleriniň fonduna resminamalaýyş ulgam, hakyky dünýäniň aýratyn görnüşi hökmünde seredilýär. Muzeý ýygyndysyny düzýän muzeý kolleksiýasy ýeke-täk predmetler bilen deňeşdirmeginde eýýäm täze hile eýe bolýar. Ylmy-fond işleri prosessinde ýagny, muzeý predmetleriniň klassifikasiýasynyň, sistematizasiýasynyň, interpretasiýasynyň

gidişinde olaryň dokumental habar berijilik ähmiýetine düşünmeklik çuňlaşýar.

Muzeý kommunikasiýasynyň teoriýasy muzeýi diňe bir habarlary jemleýji, umumylaşdyryjy, ýaýradyjy kommunikasion institutlaryň biri hökmünde öwrenilmän, eýsem muzeýi öwrenişiň barlaglary hökmünde kesgitlenýän ýörite ylmy işleriň bazasynda, ony özbaşdak derňeýär, esasynda muzeý predmetleri ýatýan kommunikasiýanyň aýratynlygyny öwrenýär.

4. Muzeý çeşmeşynaslygynda barlagyň esasy obýekti hökmünde muzeý predmetleri çykyş etýär. Çeşmeşynaslykda muzeý predmetlerini öwrenmekde teoriýa bilen usulyýet çatlyşýar. Şeýlelik-de bolsa olar çeşmeşynaslyk dersi üçin häsiýetli alamat bilen öwrenilýär. Başga bir tarapdan çeşmeşynaslyk muzeý işiniň taryhyna akyl ýetirmeklige degişli hatda taryhnamanyň materialyny hem öz içine alan çeşmeleri öwrenýär.

Muzeý çeşmeşynaslygy barlaglaryň obýekti boýunça we tutuşlygyna, bölekleýin, usullary boýunça profilli ylymlaryň umumy çeşmeşynaslygynda tapawutlanýar.

Muzeý ýygyndylarynyň çeşmeleriniň ähli görnüşlerini öwrenmekligiň esasynda muzeý predmetlerine taryhy-medeni gymmatlyklar hökmünde tutuşlygyna öwrenmeklik wezipesi

durýar. Şonuň bilen bir hatarda muzeý çeşmeşynaslygy üçin profilli çeşmeşynaslara özara aralaşmaklyklary häsiýetlidir.

Taryhy muzeý çeşmeşynaslygy we taryh dersleriň çeşmeşynaslygy özaralarynda biri-birine golaýdyr, olar özleriniň köp meselelerinde, obýektlerinde, barlag usullarynda galtaşýarlar. Ýöne muzeý çeşmeşynaslygy ilkinji nobatda muzeý predmetleriniň köp bölegini düzýän zat we şekillendiriş görnüşli çeşmeleri öwrenmeklige gönükdirilendir. Bu diňe bir arhiologiki we etnografiki materiallara degişli bolman, eýsem dürli eýýamlara degişli predmetleriň ähli toplumyna degişlidir.

5. Amaly mueýi öwreniş özüniň ýaşamagyny muzeý işiniň tejribesi bilen bilelikde başlapdyr. Ol tejribe işiniň tehniki meseleleriniň çözgbdinde, dürli tärleri işläp taýýarlamakda peýdalanylypdyr. Muzeý ulgamynyň ösdügiçe oýlanyşykly tejribäni peýdalanmaklyk toplamaklyk bolup geçýär.

Amaly muzeýi öwrenşi üç sany bölümi öz içine alýar:

a) ylmy usulyýet
b) tehnika
c) guramaçylyk işleri we dolandyryş.

Ylmy usulyýet – amaly muzeýi öwrenişiň esasy özenidir. Ol teoriýa bilen berk baglanşykly bolansoň, azrak giçräk özbaşdak bölüm hökmünde kemala gelýär. Ýöne, usulyýetiň üzlem-saplam elementleri muzeýleriň ýüze çykmagy bilen

peýda bolýar. Muzeý işleriniň ähli görnüşleri usulyýet bilen gurşalyp alnandyr.

Ekspozision – sergi işleriniň usulýeti muzeýleriň ylmy-usulýet barlaglarynyň giň bir ösen bölümleriniň biridir.

Tehnika muzeý ymaratlaryny proektleşdirmäge öwrenmegiň meseleleri, muzeý enjamlary, dürli görnüşli muzeý materiallaryny eksponatlaşdyrmagyň tehnikasy, habarlary bermegiň tehniki serişdeleri, transport serişdeleri, muzeý predmetleriniň fiziki ýagdpýyny barlamak tehnikasy we ş.m. degişlidir.

Guramaçylyk işleri we dolandyryş – amaly muzeýi öwrenişiň bu bölümi muzeý işiniň hemişe çylşyrymlaşýanlygy we onuň jemgyýetçilik meselelerini çözýänligi üçin durmuşyň talaby bilen döredilipdir.

Häzirki döwürde muzeý işiniň dolandyrylyşyny kämilleşdirmek ugrunda birnäçe çäreler durmuşa geçirilýär.

1996-njy ýylyň dekabrynda ″Muzeýler we muzeý işi hakynda Türkmenistanyň kanuny″ kabul edildi. Bu kanunyň kabul edilmegi Türkmenistanda muzeý işini kämilleşdirmekde edilen uly işleriň biri boldy.

## §3 Muzeý ulgamy we muzeýleriň toparlara bölünişi

Ýurdumyzyň muzeýleri territorial şeýle-de mazmun taýdan-da hemişe ösüş ýagdaýynda bolup, azda-kände ýapyk ulgamy emele getirýärler. Dürli toparlara we görnüşlere degişli muzeýleri birikdiriş bu ulgama – muzeý ulgamy diýip atlandyrylýar.

Muzeý ulgamynyň kemala gelmegine jemgyýetçilik isleglериniň özgermegi, ylmyň, sungatyň, maddy önümçiligiň, galyberse-de-muzeýi öwreniş ösüşi ýaly jemgyýetçilik faktorlarynyň tutuş hatary täsir edýär. Muzeý ulgamy uzak taryhy döwrüň dowamynda kemala gelýär.

Muzeý ulgamynyň hili köp derejede ilkinji nobatda jemgyýetde muzeýleriň ugurlary boýunça gowulanmagyny hasabyna kämilleşdirmelidir. Bu muzeý işiniň ýolbaşçy organlarynyň wajyp wezipeleri bolup durýar.

Muzeýleriň ugurlary boýunça toparlara bölünmegi diýilip, muzeýleriň, dersleriň ugurlar boýunça toparyna ýa-da ylymlaryň kompleksine, sungatyň görnüşlerine, jemgyýetçilik önümçiliginiň pudaklaryna bolýan gatnaşygyna düşünilýär.

Muzeýleriň ugurlary boýunça toparlara bölüniş düşünjesi muzeýler tarapyndan geçirilýän hronologiki we territorial serhetleri, jemgyýetçilik hasysalaryny dokumentleşdirilişi hem öz içine alýar.

Ugurlar boýunça toparlara bölüniş ahyr soňunda muzeý işiniň esasy mazmunyny kesgitleýär.

Muzeýleri ugurlar boýunça toparlara bölmeklik anyk-taryhy jemgyýetçilik isleglerinden doly ugur almaklyga esaslanandyr.

Muzeýleriň ugurlar boýunça toparlara bölmeklik klassifikasiýasy muzeýleri toparlara bölýär. olaryň her biri bolsa, öz ylmy meselelerini çözýär.

Häzirki döwürde muzeýleri esasy ugurlar boýunça, taryhy muzeýler, çeperçilik muzeýleri, tebigy-taryhy muzeýler, tehniki muzeýler,edebiýat muzeýleri, kompleksleýin muzeýler ýaly toparlara bölýärler.

2. Taryhy muzeýlere – taryh ylmynyň ulgamyna esaslanan hemme muzeýler degişlidir. Bu görnüşe giň taryhy ugurlar boýunça toparlara bölünen muzeýler, arhiologiki muzeýler, etnografiki muzeýler, numizmatik muzeýler, harba-taryhy muzeýler, taryhy ykdysady muzeýler, bilim muzeýleri, ýörite muzeýler (mysal üçin sportyň taryhy muzeýi) degişlidir.

Giň taryhy ugurdan topara bölünen muzeýlere fondundan arhiologiýa, etnografiýa, harby-taryha, ýurduň ykdysady ösüşiniň taryhyna degişli materiallary bar bolan muzeýler degişli bolup biler. Bu görnüşe degişli muzeýler köplenç ýurdumyzyň mekdeplerinde ýerleşýär. Mysal üçin Türkmengala etrabynda ýerleşýär, mugallym Garýagdy

Baýjaýewiň döreden we ýolbaşçylyk eden muzeýi degişli bolup biler. Muzeýiň esasy eksponatlary arhiologik, etnografik we numizmatik materiallardan ybarat. Muzeýde diňe bir Türkmengala etrabynyň territoriýasyndan ýygnalan materiallar ýerleşdirilmän eýsem tutuş Mary welaýatynyň geçmişine degişli materiallar toplanypdyr.

Arhiologiýa muzeýi – ýurdumyzda diňe bir ýerde olam Türkmenistanyň Ministrler kabinetiniň ýanyndaky taryh institutynda bar. Muzeýde institutyň alymlary tarapyndan ýurdumyzyň dürli künjeklerinde ýerleşýän arheologik ýadygärliklerde geçirilen arheologik gazuw agtaryş işleri wagtynda tapylan geň-enaýy tapyndylary ýerleşdirilipdir. Ol tapyndylar ýurdumyzyň taryhynyň iň gadymy döwründen – tä giçki orta asyrlar döwrüne çenli bolan müňýyllyklara degişlidir.

Etnografiýa muzeýi – bu görnüşli muzeý Magtymguly adyndaky TDU-nyň taryh fakultetinde bar.

Bu muzeý Türkmenistan Ylymlar Akademiýasynyň agzasy, taryh ylymlaryň doktory, professor Ç.Ý.Ýazlyýewiň tagallasy bilen 1988-nji ýylda taryh fakultetiniň garamagynda döredildi. Onuň kolleksiýalary uniwersitetiň taryh fakultetiniň professor mugallymlarynyň, gündizine we gaýybana okaýan talyplarynyň, ýurdumyzyň ilatynyň taryhymyza degişli ýadygärlikleri peşgeş bermekleri esasynda jemgyýetiň hasabyna toplandy. Onuň üçin professor Ç.Ý.Ýazlyýew

ençeme gezek ýurdumyzyň etraplaryna, obalaryna komandirowka gitdi. Muzeýi baýlaşdyrmak üçin Ç.Ý.Ýazlyýew Türkmenistanyň dürli künjeklerindäki ululy-kiçili muzeýler bilenem, türkmeniň geçmiş taryhyna gyzyklanýan adamlar bilenem yzygiderli aragatnaşyk saklady. Munuň şeýledigini hut iş günlerde-de muzeý eksponatlarynyň, ýerlerdäki adamlaryň ýardam bermegi netijesinde, üsti ýetirilip durulýandygy bilen delillendirmek bolar.

Häzirki wagtda uniwersitetiň etnologiýa muzeýinde Türkmen halkynyň maddy we ruhy medeniýetine degişli 500 gowrak eksponatlar bar. Sanynyň şeýle bir kän däldigine garamazdan eksponatlaryň käbiri Türkmenistanyň beýleki muzeýlerinde gabat gelmeýän nusgalardyr. Şolaryň hataryna saryk jalbyryny, gapy gölli torbany, düýe ýüňünden dokalan çäkmeni, depbäni we beýlekileri görkezmek bolar.

Bilim muzeýi – Türkmenistanyň bilim ministrliginiň garamagynda bar. Bu muzeýde ýerleşýän muzeý predmetleriniň aglaba köpüsi XX asyra degişlidir. Onda Türkmenistanda 20-30-njy ýyllarda sowatsyzlygyň ýok edilmegine degişli suratlar, dokumentler ýerleşdirilipdir. Beýik Watançylyk urşy ýyllyrynda Türkmenistanly okuwçylaryň we mugallymlaryň tylda görkezen gahrymançylyklaryna degişli materiallar-da muzeýde bar.

3. Çeperçilik muzeýlerine – sungytyň we sungaty öwrenişiň taryhyna degişliligini häsiýetlendirýän ähli muzeýler girýär. Mysal üçin, şekillendiriş muzeýi, surat galareýalary, heýkeltaraşlyk muzeýi,amaly sungat muzeýi, çeperçilik hünärmentçilik muzeýi, teatral muzeýler, saz muzeýleri, kinosungatynyň muzeýi we başgalar.

Türkmenistanyň döwlet şekillendiriş sungaty muzeýi – ýurdumyzyň iň uly muzeýleriniň biri hasaplanylýar.

Bu muzeýde şu wagtlar 12 möň töweregieksponat saklanylýar.

Sank-Peterburgly akademik Karelin 20-nji ýyllarda Türkmenistanda ýaşanda dürli sungat eserlerini toplap, kiçeňräk sergiler gurapdyr. Ol Moskwadan, Sank-Peterburgdan täze eksponatlary getirip öz sergisini barha baýlaşdyrypdyr. Şeýlelikde halkyň islegi bilen 1939-njy ýylda döwlet tarapyndan şekillendiriş sungaty muzeýi döredilipdir.

Bu muzeýde saklanylýan eksponatlaryň iň gymmatlylary, iň täsinleri Bäşim Nuralynyň eserleri, häzir Garrygalada Olga Mirgiýowanyň eserleri, Ýewgeniýa Adamowyň ″Täze aýdym″, Aýhan Hajyýewiň ″Magtymgulynyň portreti″ eserleri, näbelli italýan, ispan hudožnikleriniň işleri, türkmen zergärleriniň ýasan şaý-sepleri hasaplanylýar.

Heýkeltaraşlyk muzeýi – Türkmenistanda şu at bilen ýörite muzeý ýok. Ýöne bu ugurdan ajaýyp ″açyk muzeý″ bar.

Ol ″açyk muzeý″ 2000-nji ýylda açylan Garaşsyzlyk binasy we onuň daş töweregini gurşap alan geçmişdäki türkmen serkerdeleriniň ajaýyp heýkelleridir. Ol ýeri ňäzirki döwürde Aşgabadyň iň gelim-gidimli, Garaşsyzlygymyzyň wasp edilýän ýerine öwrüldi.

Amaly sungat muzeýi – şeýle at bilen Türkmenistanda muzeý ýok. Ýöne Aşgabatda wagtal-wagtal türkmenistanlylaryň amaly-haşam sungatynyň sergisi guralýar. Ol sergilerde amaly haşam sungatyna degişli geň enaýy zatlar görkezilýär.

Türkmenistanyň haly-muzeýy – amaly sungat muzeýlerine degişli bolup durýar. Ol Türkmenistanyň Prezidenti Saparmyrat Türkmenbaşynyň permany bilen 1993-nji ýylda açyldy. Muzeýde XIX-XX asyrlada dokalan türkmen halylarynyň ajaýyp görnüşleri saklanýar.

4. Tebigy-taryhy muzeýlere – öz işlerinde tebigy ylymlara daýanýan muzeýler degişlidir. Bu görnüşli muzeýlere biologiki muzeýler, botaniki muzeýler, zoologiki muzeýler, geologiki muzeýler, minerologiki muzeýler, ekologik muzeýler we başgalar degişli bolup biler.

Zoologiki muzeý – Magtymguly adyndaky TDU-nyň tebigy – geografiýa fakultetinde we Türkmenistanyň tokaý hojalygy we tebigaty goramak ministrliginiň goramagyndaky ylmy barlag institutynda bar.

Bu muzeýleriň ikisinde-de Türkmenistanyň haýwanat dünýäsine degişli köp eksponatlar bar.

Geologiýa muzeýi – bu görnüşli muzeýe Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky geologiýa uprawleniýasyna degişli geologiýa muzeýi degişlidir. Muzeýde Türkmenistanyň ýerasty we suwasty baýlyklarynyň hemme görnüşünden nusgalar ýerleşdirilipdir.

6. Edebiýat muzeýine – edebiýatyň ösüşine, ýazyjy şahyrlaryň ömrüne we döredijiligine bagyşlanan ähli muzeýler degişlidir. Bu görnüşli muzeýlerden Aşgabatda XX asyryň görnükli ýazyjysy bolan Berdi Kerbabaýewiň öý muzeýini, şahyr Towşan Esenowyň öý muzeýini we başgalary görkezmek bolar. Ol muzeýlerde ýazyjy-şahyrlaryň öz şahsy durmuşyna degişli materilalar, olaryň ilkinji döreden eserleriniň golýazmalary, suratlary, umuman şolar bilen baglanşykly mälim bolan ähli materiallar eksponat hökmünde saklanýar. Ebebiýat muzeýleri Türkmenistanyň mekdeplerinde hem bar. Mysal üçin Aşgabat şäherinde ýerleşýän Gurbannazar Ezizow adyndaky 27-nji orta mekdepde (şahyryň okan mekdebi) şahyra bagyşlanan mekdep muzeýi bar. Muzeýde şahyryň mekdep ýyllaryna degişli köp maglumatlar saklanylýar.

7. Kompleksleýin muzeýlere – özünde iki ýa-da ondan-da köp görnüşli muzeýe degişli materiallary bolan muzeýlere aýdylýar. Dürli görnüşli muzeýlere degişli materiallar fonduň

düzüminde, saklanyş işinde, guramaçylyk gurluşynda anyk ýüze çykýar. Mysal üçin taryhy-çeperçilik muzeýleri, taryhy-arhitektura muzeýleri, oba hojalyk muzeýleri we ş.m. görkezmek bolýar. Bu görnüşe degişli giň ýaýran muzeý özünde taryhy. tebigy-ylmy ugurdan eksponatlary saklaýan ülkäni öwreniş muzeýidir. Kähalatda ülkäni öwreniş muzeýlerinde özbaşdak sungaty öwreniş bölümleri hem boýar.

Türkmenistanyň milli muzeýi bu görnüşe degişli muzeýdir.

## §4 Türkmenistanyň muzeý fondunyň esasy saklanýan ýerleri.

Takmynan sekiz asyr çemesi wagtdan soň özüniň real garaşsyzlygyny gazanan we özbaşdak döwletini döreden Türkmen halkyny milli nukdaý nazardan oýarmagy we ertirki gün onuň dünýä siwilizasiýasynda mynasyp orun tutmagyny maksat edinýän Milli galkynynyş hereketi Merhemetli Prezidentimiz Saparmyrat Türkmenbaşynyň çuňňur filosofiýasynyň esasy sütünleriniň biridir.Has takygy bu konsepsiýa onuň milli programmasydyr.

Külli Türkmeniň milli lideri, merhemetli Prezidentimiz Saparmyrat Türkmenbaşy Milli galkynyş hereketiniň I gurultaýyndaky çykyşynda:″Häzir biziň öňümizde halkymyzyň medeni ruhuny gaýtadan dikeltmek, garaşsyz Türkmenistanyň halkynyň milli medeniýetini öwrenip, jemläp, baýlaşdyryp ony dünýä medeniýeti bilen baglaşdyrmak wezipesi durýar″ diýip nygtady. Bu möhüm wezipeleri durmuşa geçirmekde ýurdumyzyň muzeýlerine uly rol degişlidir.

Ýurdumyzda muzeýleriň uly sistemasy bar. Olar 31 sany döwlet we halk muzeýleri (şol sanda 12 taryh we ülkäni öwreniş, 10 taryh, 3 memorial we medeni-memorial we beýlekilerdir) hem-de 120-den gowrak jemgyýetçilik

muzeýleridir. Ýurdumyzdaky 10 çemesi taryhy-medeni goraghanalar hem açyk meýdandaky özboluşly muzeýlerdir.

Ýurdumyzyň muzeýleri öz gözbaşyny XIX asyryň ahyrlaryndan alyp gaýdýarlar. Olaryň eksponatlaryny ýygnamaklyk 1894-nji ýylda başlanypdy. 1896-njy ýylda ol eksponatlar Nižniý Nowgorodda Bütinrussiýa sergisinde görkezilipdi. Şol zatlar Ashbada dolanyp gelensoň, ýagny 1899-njy ýylyň 17-nji martynda Aşgabatda Zakaspiý oblast muznýi döredilipdi. Ol ýurdumyzda dörän ilkinji muzeýdi. Höwesjeň adamlar tarapyndan düýbi tutulan muzeý sähel wagtyň dowamynda uly ylmy-propagandistik merkeze öwrülipdi.

Sowet häkimiýeti ýyllarynda, birnäçe kemçilikleriň bolanlygyna garamazdan, ýurdumyzda käbir muzeýler döredilipdi. Şolaryň kerwenbaşysy bolan – ülkäni öwreniş, birleşen taryhy-ülkäni öwreniş muzeýi türkmen halkynyň medeni mirasynyň esasy gorawhanasyna öwrüldi. Muzeýde halkymyzyň taryhyna, arheologiýasyna, etnografiýasyna, tebigatyna, sungatyna degişli 127 müň çemesi kolleksiýa jemlendi. Ýöne totalitar sistema ýurdumyzda muzeý işleriniň gurluşyna oňaýsyz täsirleri-de ýetirdi. Ilkinji nobatda, Türkmenistanda geçirilýän arheologiki gazuw agtaryş işleri netijesinde tapylýan seýrek tapyndalar merkeze iberilmeli edildi. Dünýä belli nepis türkmen halylarynyň iň gowy

nusgalary-da Moskwanyň, Leningradyň muzeýlerine düşdi. Bu mesele seýrek golýazmalar we beýlekiler babatynda hem şeýle bolupdy. Şeýlelik-de, milli mirasymyzyň köp ajaýyp nusgalary öz eýesinden jyda düşdiler. Indi şolaryň ykbalyny çözmek meselesi örboýuna galýar.

Sowet häkimiýeti ýyllarynda halkda milli mirasa bolan höwesiň peselmegi ruhy babatdaky iň uly ýitgi boldy. Şonuň netijesinde halk sungşatynyň seýrek nusgalarynyň müňlerçesi ýok boldy. Olary kim daşary ýurtlara äkitse, kim ýöne ýok edip göýberdi. Ýaş nesliň arasynda köne zatlaryň öýde artykmaç, zyýan beriji, moda laýyk gelmeýän zat hökmünde häsiýetlendirmek ″keseli″ döredi. Sowet hökümiýeti ýurdumyzyň merkezi muzeýi üçin-de muzeý talaplaryna laýyk gelýän jaý tapyp bilmedi. Bu zatlaryň hemmesini düzetmek Garaşsyz Türkmenistanyň hökümiýetine sosializmden miras galdy.Halkyň milli galkynyşyna geljegiň kepilnamasy hökmünde garaýan Saparmyrat Türkmenbaşy muzeýler meselesine täzeçe, dogruçyl garamak bilen oňa işini döwrebap, halkabap, gurnamagy öňe sürdi. Onuň hut özüniň tagallasy bilen 1993-nji ýylyň 26-njy awgustyndaky Permany boýunça Türkmenistanyň Milli taryh we etnografiýa muzeýiniň döredilmegi bu babatdaky ilkinji möhüm ädimdir.

Milli muzeýimiz kolleksiýalary ylmy taýdan işlemek, rejelemek, täzeden bejermek, täze kolleksiýalary satyn almak

işlerini dowam etdirýär. Muzeýiň fondundaky seýrek duş gelýän XIX asyra degişli bolan gapylyklar, eňsiler, torbalar, çuwallar, gelin-gyzlaryň we atyň kümüşden ýasalan şaý-sepleri, kümüş ýaraglar (pyçakdyr gylyçlar); b.e.öň II asyra degişli şirmaýydan ýasalan ritonlar, erotyň, Afinanyň altyn çaýylan kümüş heýkelleri; we beýlekiler biziň milli guwanjymyzdyr.

Milli muzeý gözme sergileri guramak işini-de giňden alyp barýar. Ol diňe bir ýurdumyzda geçirilýän dabaralara bagyşlap gurýan sergiler bilen çäklenmän, eýsem göçme sergileri bilen daşary ýurtlarda hem çykyş edýär.

1993-nji ýylyň senýabr aýynda muzeý işgärleri göçme sergi bilen Turkiýede bolup geldiler. muzeý ähli türkmen amaly-haşam sungatyň sergisine gatnaşyp, 1994-nji ýylyň ýanwar aýynda Eýran Yslam Respublikasynda sergi gurady. Bu bolsa daşary ýurtlarda türkmeniň milli medeniýeti propagandirlemekde, ol ýerleriň adamlaryny türkmeniň geçmişini we häzirki güni bilen tanyşdyrmakda uly rol oýnaýar.

Döwlet muzeýler sistemasynda welaýat muzeýleri möhüm orun eýeleýärler. Şolaryň biri-de, marynyň welaýat birleşen muzeýidir. 1993 ýylyň ahyrlarynda 25 ýaşyny bellän bu muzeý indi birnäçe ýyl bäri gadymy Merwiň 2500 ýyllygyna bagyşlanan sergileri yzygiderli gyraýar. Muzeýiň işgärleri ekspozision işlerden başga-da, welaýatdaky jemgyýetçilik muzeýlerine metodiki kömek berýärler.

Daşoguzdaky, Çärjewdäki we Türkmenbaşy şäherindäki welaýat muzeýleri-de ýerli ilatyň arasynda türkmen halkymyzyň taryhyny, medeniýetini propagandirlemekde uly işleri bitirýärler. Muzeýlerde tomaşaçylara taryhy wakalara dogruçyl, täzeçe garaýyş esasynda gürrüň bermek ugrundaky ylmy-metodiki işler yzygiderli ýola goýlupdyr.

2. Türkmenistanyň oba hojalyk ministrliginiň Änew pasýolagynda ýerleşýän ekerançylyk institutynyň garamagynda 1991-nji ýylyň noýabr aýynda ekerançylyk muzeýi döredildi.

Ekerançylyk muzeýiniň esasy maksady we wezipesi Türkmen döwletiniň ekerançylygynyň taryhyny hem ösüşini, asyrlar boýy toplanan baý miras we ylmy-taryhy edebiýatlar esasynda öwrenmekden, ekerançylygyň halk tejribesi hakda gürrüň berýän materiallary il içinde yzygiderli propogandirlemekden, şeýle hem ýaş nesle tälim berip, milli taryhymyza guwanç döretmekden ybaratdyr.

Muzeýde toplanan köp sanly eksponatlar we ylmy çeşmeler, sowet taryhy ylmyndan dowam edip gelen konsepsiýanyň, hamana, türkmen halky geçmişde göçüp-gonup ýören çarwa halk üolupdyr, olarda oturymly ýaşaýyş-ekerançylyk bolmandyr diýilýän düşünjäniň düýbünden esassyzdygyny subut etmäge mümkinçilik berýär. Muňa mysal edip Çopandpe, Jeýtun. Änew, Göksüýri, Altyndepe ýaly gadymy oturymly ýerlerden tapylan oba hojalyk gurallaryny,

suwarymly ekerançylygyň gadymy sistemalarynyň yzlaryny, onlarça metrlikdäki ýerasty medeni gatlakdan ýüze çykarylan oba hojalyk önümlerini, ekin galyndylaryny görkezmek bolar. Biziň muzeýimizde öz gadymylygy bilen mundan owal 5-8 müňýyllyklardan habar berýän çakmak, sokma oraklar, daşdan ýasalan däne owguçlar, daşdan süňkden, bürünçden bejerilen ýönekeý oba hojalyk gurallary, daýhan durmuşynda ulanylan esbaplar saklanylýa. Muzeýde jemlenen köp sanly ylmy edebiýatda-da, Türkmenistan ýurdunyň gadymy ekerançylygyň sallançagy bolup, dünýä siwilizasiýasynyň gözbaşynda durandygyny subut edýän ylmy-taryhy materiallar az däl. Şu mynasybetli, bizde toplanan ekerançylyga degişli türkmen nakyllary, daýhançylyk däp-dessurlary ýörelge miraslary, türkmen çomurlarynyň asyrlaryň dowamynda döreden ekin atlary hakyndaky ýazgylar has-da gymmatlydyr. Meselem, türkmen ekin atlarynyň sanawy Watanymyzyň ekerançylyk mirasynyň uçursyz baýdygyna güwä geçýär. Häzire çenli jemlenen materiallar esasynda türkmen gawunynyň 330 töweregi görnüşiniň, şol sanda 58 sany asyl nusgasynyň, bugdaýyň 40, arpanyň 16, jöweniň 34, şalynyň 15, kädiniň 41, garpyzyň 35, erigiň 39, almanyň 20, naryň 25, üzümiň 145 görnüşiniň ady anyklandy. Muzeýde ekerançylygyň taryhy we ösüşi hakynda söz açýan dokumentleriň, fotosuratlaryň, eksponatlaryň, ylmy edebiýatlaryň uly toplumy saklanylýar.

Muzeýdäki Orsyýetiň Aziýa ülkeleleriniň kartalarynyň atlasy ýurdumyzyň taryhyny, hojalygyny öwrenmek üçin gymmatly eksponatdyr.

Watanymyzyň ekerançylyk ylym-biliminiň ösmeginde uly hyzmatlar gökezen türkmen milli kadrlarynyň ömrüni we döredijiligini öwrenmek, hatyrasyny dikeltmek boýunça hem uly iş alnyp barylýan7dygyny bellemek gerek. Şeýle gözleg işleri netijesinde häzir ″Ilkinjiler″ atly ýygyndy çapa taýýarlanýar.

Prezidentimiz Saparmyrat Türkmenbaşynyň ″Galla″ programmasy hem ″Täze oba syýasaty″ biziň muzeýimiziň işini täzeçe guramaga itergi berdi. Türkmen ekinleriniň, hasam galla ekinleriniň gadymdan gelýän nusgalaryny dikeltmek boýunça iş geçirýän ekerançy alymlara goltgy bermekde iş ýaýbaňlandyryldy. ″Düýediş″, ″Kelek″, ″Ak bugdaý″, ″Garagaç″ ýaly türkmen bugdaýlarynyň giňden ýaýrajak wagty daş däl.

Ýurdumyzyň ekerançylygynyň taryhyny, mirasyny, häzirki ösüşini propogandirlemek boýunça geçirilýän işleriň hasabyna daşary ýurt myhmanlaryny kabul etmek, ylmy-pedagogiki edaralar bilen hyzmatdaşlyk, okuw jaýlarynyň talyplary üçin ekskursiýa-leksiýalary guramak, metbugatda, radio-telewideniýede çykyş etmek, ″Babadaýhan mirasy″ kitabyny, üç tomluk ″Türkmenistanyň pagtaçylygy (1766-

1985)″ bibliografik görkezijini çapa taýýarlamak ýaly işleri agzamak bolar.

Garaşsyz Türkmenistanyň Prezidenti Saparmyrat Türkmenbaşynyň yglan eden ″10 ýyl abadançylyk″ syýasaty Watanymyzyň taryhy ösüşini öwrenmekde uly wezipeler goýdy. Biziň Ekerançylyk muzeýimiz hem şol wezipederi amal etmek üçin ähli tagallalary eder.

Türkmenistanyň ylmy-barlag institutlarynyň garamagynlaky akademiki muzeýlere başga-da Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky taryh institutynyň arheologiýa muzeýi, Türkmenistanyň Tokaý hojalygy we tebigaty goramak ministrligine degişli zoologiýa muzeýi Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Geologiýa uprawleniýasynyň Geologiýa muzeýi degişlidirler.

3. Ýaş nesle Watansöýüjidik, ynsanperwerlik terbiýesi bermekde we özara ylmy äleme çekmekde orta we ýokary okuw jaýlaryndaky muzeýderiň ähmiýeti uludyr. Häzir Garaşsyz we Bitarap Türkmenistanyzmyzda 140 golaý hasaba alnan mekdep muzeý bar. Aşgabat şäheriniň 36-njy mekdebinde 1970 ýylda açylan general D.M. Karbyşewa bagyşlanan mekdep muzeýi bar. Mary welaýatynyň Türkmengala etrabynyň daýhan birleşikleriniň birinde ýerleşýän 1966 ý. açylan Garýagdy Baýjaýew tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän mekdep muzeýi Türkmenistanyň iň uly

mekdep muzeýleriniň biri hasaplanýar. Ol muzeýiň 300 kw. metr meýdany bar. Muzeýde toplanan eksponatlaryň sany häzirki döwürde 8-müňden gowrakdyr. Şol eksponatlaryň köpüsi orta asyrlara degişlidir. Orta asyryň şemlerniň 25, möhürleriniň 10 görnüşi, manetalaryň 600 ýaraglyryň 15 görnüşi muzeýde ýerleşdirilipdir. Muzeýde türkmen aýal-gyzlarynyň geçmişde dakynylan şaý-sepleriň ähli görnüşleri, dokma gurallary, at esbaplary, ussanyň gurallary hem bar. Bu mekdep muzeýiniň eksponatlarynyň köp sanly serişde harç edilmezden toplanypdar. Muzeý eksponatlary Türkmenistan taryhyndan sapak geçilende giňden peýdalanylýar. Umuman mekdep muzeýleri geçilýän sapaklaryň has täsirli bolmagynda, okuwçylaryň sapak wagtynda görüp-eşiden zatlaryň uzak wagtlap ýatlarynda galmagynda bahasyna-ýetip bolmajak iş bitirýärler.

Türkmenistanyň ýokary okuw jaýlaryndan okuw muzeýleriniň mysaly hökmünde Magtymguly adyndaky TDU-niň taryh fakultetindäki etnografiýa muzeýini görkezmek bolar. Bu muzeýde professor, mugallymlaryň, aspirantlaryň, we talyplaryň ylmy okuw terbiýeçilik işleri birnäçe ugurlar boýunça alynyp barylýar. Uniwersitetiň professor-mugallymlaryň, aspirantlaryň we taryh fakultetiniň talyplarynyň bir topary dürli ýyllard muzeý

eksponatlaryesasynda ylmy işler, dokladlar, kurs işler ýazdyrylýar.

Muzeý taryhçy talyplara muzeýi öwrenýän ylmy boýunça-da uly düşünje berýär. Çünki talyplar muzeý üçin eksponat toplamak işine çekilýärler. Bu bolsa olarda muzeý işi boýunça ilkinji endikleri kemala getirýär. Muzeýde eksponatlary hasaba almagy pasportlaşdyrylmagy we olara ylmy häsiýetnamalaryň ýazylmgy ýola goýulypdyr. Umuman taryh fakultetiniň etnologiýa muzeýi türkmen halkynyň taryhyny, etnografiýasyny maddy we ruhy medeniýetini propogandirleýji merkezleriň biridir.

4.Türkmenistanyň muzeý fondunyň esasy saklan ýerleriniň biride Türkmenistanyň Ministrliklerine we wedomstwalyklaryna degişli wedomstwalaýyn muzeýledir. Bu görnüşe degişli muzeýlere Aşgabat demir ýol wagzalynda ýerleşýän, Aşgabatda demir ýoluň gelmeginiň 100 ýyllygyna bagaşlanylan açylan muzeýi, Serdar şäherinde ýerleşen wagon-remont zawodynyň 100 ýyllygyna bagyşlanyp açylan wagon-remont zawodynyň muzeýi degişli bolup biler. Aşagabat demir ýol wokzalynda ýerleşýän muzeýde demir ýoluň gurluş taryhyna degişli dokumentler, suratlar, shemalar, kartalar., demir ýol gurluşygynyň inženerleriniň, işgärleriniň suratlary, ilkinji parawozlaryň wagonlaryň suratlary ýerleşdirlipdir. Serdar şäheriniň wagon-remont zawodynyň muzeýinde

zawodyň taryhyna degişli dokumentler, suratlar, ilkinji parawozlaryň özleri we ş.meň. zatlar ýerleşdirilipdir.

Belli bir ministirliklere we wedomstwalyklara degişli muzeýler özleriniň degişli edaralary tarapyndan maliýeleşdirilýär. Ýöne olar Türkmenistanyň medeniýet ministirliginiň muzeýler baradaky çykaran görkezmelerine we talaplaryny ýerine ýetirmäge kanun boýunça borçludyrlar.

5. Halkymyzyň medeni mirasynyň seýrek nusgalaryny ýygnamakda, aýawly saklamakda we olary ilat arasynda propogandirlemekde jemgyýetçilik muzeýleriniň roly uludyr. Şeýle muzeýler ýurdumyzda 50-nji ýyllarda döräp başlapdy. Murgaply taryh mugallymy merhum Myratdurdy Saryýew bu beýik başlangyjyň gözbaşynda duranlaryň biridir. Şoňra şeýle muzeýler Türkmengalaly Garýagdy Baýjaýew, Murgaply Ümür Esenow, Maryly Aman Şamyýew, Tagtabazarly Gurtjan Lammyýew, Babadaýhanly Garýagdy Daňatarow we beýleki onlarça mekdep mugallymlary tarapyndan döredildi.

Şeýlelikde, jemgyýetçilik muzeýlerinden halkymyzyň geçmişine degişli seýrek eksponatlaryň ençesi müňlerçesi jemlenipdir. Has-da bellemeli ýeri şol muzeýler hakyky halk muzeýleridir. Olar oba ilatynyň barym-gelimli merkezleridir. Oba halk muzeýine gelen her bir adam ata-babalaryny, ata-eneleriniň, doganlarynyň döreden miraslaryny görüp, bir gez beýgelýär, çäksiz emosional duýguny başdan geçirýär.

Ýurdumyzyň jemgyýetçilik, halk, döwlet muzeýleri halkymyzda milli duýgynyň, buýsanjyň, galkynyşyň döremegine, ösmegine ägirt uly şert döredýär.

## §5 Muzeý fondy barada düşünje.

Türkmenistanyň Muzeý gaznasyny emele getirmek işi şeýle ýollar bilen amala aşyrylýar, ýagny:

Türkmenistanyň Medeniyet ministriligi tarapyndan, beýleki ministrlikler we wedomostwolar, olaryň ýerlerdäki wekilleri tarapyndan ýadygärlikelri döwlet gaznasynyň hasabyna we Muzeýleriň özleriniň hususy satyn alynmagy bilen;

Arheologik, etnografik, ylmy-tebigatyş we beýleki ekspedisiýalar, gurluşyk, remont ýa-da restawrasiýa işleri wagtynda ele salynan ýadygärlikleri, şol sanda gymmat bahaly metallardan we gymmat bahaly daýadygärlikelri hem-de genji-hazynalary bellenilen tertipde muzeýlere bermek ýoly bilen;

Ýadygärlikelriň kärhänalar, edaralar, guramalar we raýatlar tarapyndna muzeýlere mugt bermegi bilen:

Hereket edýän kanunçylyga laýyklykda kanfiskasiýa edilen ýadygärlikeleriň muzeýlere berilmegi bilen:

Gözlenilýän, bikanun äkidilen ýadygärlikleriň Türkmenistana gaýtarylyp berilmegi bilen:

Gümrükhanada alynyp galynan ýadygärlikleriň berilmegi bilen:

Hereket edýän kanunçylyga ters gelmeýän beýleki usullar arkaly muzeý eksponatlarynyň üstüniň doldurylmagy bilen.

Türkmenistanyň muzeý gaznasyna şular girýär, ýagny: ylmy, taryhy, çeperçilik ýa-da beýleki medeni gymmatlyklary (mundan beýläk ýadygärlikler) bolup olary görnüşiniň döredilen ýerine we eýeçiliginiň görnüşine garamazdan we Türkmenistanyň araçäginde saklanylýan tebigaty, maddy we ruhy medeniýetiň gozgalýan ýadygälikleriň (etnografik gymmatlyklar, arheologik tapyndylar, bezeg-amaly haşam sungatynyň eserleri, golýazmalar we beýlekiler) jemi;

Gozgalmaýan ýadygärlikleriň Türkmenistanyň muzeýlerinde saklanýan jemi (taryhy we memorial obýektler, monumental sungatyň eserleri, bütewi tebigy taryhy ýadygälikler, döwlet taryhy medeni goraghanalary we beýleki ýadygälikler).

Türkmenistanyň çäklerinden daşarda saklanýan we halkara şertnamalary boýunça Türkmenistana gaýtarylyp berilmäge degişli ýadygärlikelr hem Türkmenistanyň Muzeý gaznasyna degişli bolup biler.

Türkmenistanyň Muzeý gaznasy döwletiňki bolup durmaýan bölegine eýeçiligiň başga görnüşlerine esaslanýan nusgalary, şol sanda jemgyýetçilik, dini guramalaryň, aýry-aýry raýatlaryň eýeçiliginde bolup durýan ýadygälikler degişlidir.

Muzeýleriň eýeleri bolup durýan ýuridik we fiziki taraplar Türkmenistanyň Muzeý gaznasynyň abatlygyny üpjün etmäge we onuň üstüniň doldurylyp durulmagy üçin ýardam etmäge borçlydyrlar.

Muzeý işi muzeý gaznasynyň esasynda ýaýbaňlaşdyrylýar. Muzeýleriň öz görnüşlerini ýerine ýetirmekleri köp derejede muzeý işleriniň taryhy akymy we hadysalary şöhlelendirýän duýgularyň we bilimleriň çeşmelerini, muzeý dersi häsiýetine eýe bolan medeni gymmatlyklary ýüze çykaryşlaryna baglydyr. Muzeý derslerini edinmek, gorap saklamak, barlamak we olara ylym we bilim, terbiýe işlerinde elýeterli bolar ýaly şert döretmek zerurdyr. Muzeý gaznasynyň esasynda geçmişi we şu güni gelmek bilen baglaşdyryp bilýär.

Taryhylyk görnüşlerine laýyklykda muzeý derslerini jemgyýetiň ösüşiniň taryhy şahyslary hökmünde seredilip, onuň ähli görnüşlerinde hemmetaraplaýyn we kompleksleýin öwrenilýär. Umuman bu taryhy kanununalaýyklyklara akyl ýetirmeklige gönükdirilendir.

Taryh profili muzeýleriň gaznasy durmuş-ykdysady prosesleri, içerki we daşarky syýasaty, medeniyetiň taryhyny resmileşdirýän muzeý derslerini öz içine alýar.

Muzeý gaznalarynyň arhiwleriniň we okalgalaryň gaznalaryndan esasy tapawudy muzeý dersiniň aýratyn häsiýeti

bilen şertlenendir. Muzeý gaznalarynyň başga bir wajyp tapawutly alamaty, olam taryhy ýagdaýlaryň kompleksleýin resmileşdirilmegidir. Arhiwler we okalgalar muzeýlerden tapawutlylykda çeşmeleriň köp görnüşlilikleriniň hemmesini öz içine almaklygy maksat edinmeýär. Muzeýler üçin diňe dersdäki habaryň mazmuny we möçberi wajyp bolman, eýsem dersiň tebigatyny kesgitleýän habarlaryň berliş usuly hem wajypdyr.

Dersleriň tebigaty olaryň habar iberijiligini we aýratynlygyny, olaryň anyk bir taryhy çeşmä maddy (maddy medeniýetiň ýadygärlikleri), şekillendiriş we sözleýiş sungatyň (ýazuw we dil) görnüşleriň degişliligini kesgitleýär. Käbir çeşmeşynaslyga degişli işlerde olara çeşmeleriň görnüşi hem diýilýär.

Çeşmeleriň görnüşini kesgitlemeklige semiotika ýardam edýär. Semiotika bu belgileriň tebigaty, gelip çykyşyny görnüşini we ýerine ýetirijiligini öwrenýän ylymdyr. Ol muzeýleriň ylym-aň bilim berijilik, ekspozision, gazna işlerinden mazmuny ýüze çykarmaklygyň, habaryny bermekligiň we aňlatmaklygyň serişdelerini barlamakda peýdalanylýar.

Käbir dersler maddy önümçiligiň netijesinde ýüze çykýar. Bular maddy çeşmeler maddy medeniň ýadygärlikleridir.

Olara dürli zada niýetlenen dersler zähmet gurallary, hereket etmekligiň serişdeleri, durmuş ýaraglar we ş.m. degişlidir. Maddy çeşmelerindäki bar bolan habarlar dersiň maddy tarapy-görnüşi, gurluşy, maglumaty, ölçegi, agramy we reňki arkaly berilýär.

Maddy medeniýetiň ýadygärlikleri adamlaryň tejribe ähmiýetli (umulitar) isleglerini kanagatlandyrmak üçin döredilýär. Ýöne olar özlerinde estetiki başlangyçlary-da saklap biler. Şeýle ýagdaýda biz amaly-häsiýet sungatynyň eserleri hakynda gürrüň gidýänligine düşünmelidiris.

Maddy medeniň ýadygärlikleriniň döredilmegi faktlary hasaba almagyň ýörite meselelerinden gelip çykýan däldir. Maddy medeniýetiň, belginiň ýerine ýetirijiligini, ýagny başga nusga görmezmek, şoňa ugrukdyrmak ýaly wezipeleri ýerine ýetirip biler. Mysal üçin zähmet gurallary we olaryň taýýarlanyşy hakynda käbir maglumatlar olaryň belgisi hökmünde-de çykýş edip biler. Emma bu ukyp maddy medeniýetiň ýadygärliginiň aýrylmaz hilini düzmeýär.

Maddy ýadygärlik howaýy (abetrakt) düşünjäňi aňlatmaýar. Şol sebäpden-de maddy çeşmeleriň köp ýagdaýlary göniden-göni şöhlelendirýärler.

Şekillendiriş we ýazuw çeşmeleri, ses ýazgylary başga hili tebigata eýedir. Olar maddy çeşmeleri ýaly anyk we kabul edilýän reallygyň bölegi bolup, bilimleri we duýgulary

aňlatmak, saklamak, başga birlerine geçirmeklik üçin ýörite döredilýär.

Maddy, şekillendiriş we ýazuw çeşmeleri taryh profilli her muzeýiň gaznasynda bardyr. Ýöne ses ýazgylary, kinofilimler hemme muzeýde ýokdyr. Onuň sebäbi-de: birinjiden olaryň ýüze çykanyna uzak wagt geçenok, ikinjiden muzeýler üçin köplenç göz arkaly görüp, oňa düşünip bolýan dersler degişli bolup durýar.

Kesgitli bir çeşmäniň görnüşine degişli bolan nusga başga görnüşli çeşmäniň elementlerini-de özünde saklap biler. Mysal üçin küýze gap-gaçlary, sebäbi olarda köplenç dürli şekiller, ýazgylara duş gelmek bolýar.

Muzeýler üçin muzeý nusgasynyň berýän diňe bir many berijilik habary wajyp bolman, eýsem olaryň tomaşaçyda tolgunma dőretmek ukyby-ekspressiwlik hem-de ünsüni çekmek ukyby-attraktiwlik hem wajypdyr.

Muzeý nusgalarynyň tomaşaçynyň ünsüni ukyby kőp derejede olaryň daşky gőrnüşleri, reňkleri, őlçegleri bilen şertlenýär.

Eger muzeý nusgalarynyň tomaşaçynyň ünsüni őzüne çekmek ukybyny onuň daşky alamatlaryna bagly bolýan bolsa, onda muzeý nusgalarynyň tomaşaçyda tolgunma dőretmek ukyby ondaky many berijilik habarlary ol ýa-da beýleki

eýýama degişliligi, hakykylygy, çeperçilik gymmatlygy bilen kesgitlenilýär.

Nusganyň muzeý gymmaty arhiw çeşmeleriniň gymmatyndan diňe bir habarlaryň manylygyna bagly bolman, eýsem nusganyň tomaşaçyda tolgunma dőretmek hem-de tomaşaçynyň ünsüni çekmek häsiýetine-de baglydyr. Nusganyň muzeý gymmaty kesgitlenende onuň hakykylygy, habaryň saklanýan faktynyň ylmy we jemgyýetçilik ähmiýeti, onuň ynamlylygy, subut edilenligi, mőçberi: täzeligi ýerine ýetirlişiniň ussatlygy, estetiki aýratynlygy, saklanyş derejesi gőz őňünde tutylýar. Mysal üçin gymmat bahaly metaldan ýasalan nusganyň muzeý gymmaty ýokdur ýa-da őrän pesdir. Ýőne adaty durmuş nusgasynyň, eger-de ol belli ýazyja şahyra ýa-da dőwlet işgärine degişli bolan bolsa onda onuň muzeý gymmaty ýokarydyr. Sebäbi ol nusgalaryň tomaşaçyda tolgunma dőretmek ukyby adaty häsiýete eýe däldir.

“Nusganyň muzeý gymmaty” diýen düşünje bilen bir hatarda “muzeý nusgasynyň gymmaty” diýen düşünje hem bar. Ol nusganyň muzeý gymmaty we maglumatyň gymmaty bilen bilelikde kesgitlenilýär.

Muzeý őwrenişde “adatyň muzeý nusgasy” we “täsin muzeý nusgasy” diýen düşünjeler hem bar.

Adaty hadysalary şőhlelendirýän we häzirki wagtda bar bolan kőp sanly nusgalar üçin häsiýetli häsiýete eýe bolan muzeý nusgalaryna adaty muzeý nusgasy diýilýär.

Täsin muzeý nusgalary-bu ylmy we medeni gymmatlylyga eýe bolan häzirki wagtda ýeketäk we őrän çäkli sanda bar bolan nusgalardyr.

4. Muzeý nusglary muzeý hazynasynyň esasyny düzýär. Ýőne muzeý işinde ylmy kőmekçi maglumatlara hem zerurlyk ýüze çykýar. “Muzeý nusgasy” we “ylmy kőmekçi maglumat” diýen düşünjeleri aýdyňlaşdyrmak taryhy prosesleri ylmy resmileşdirmekde we muzeý aragatnaşygynda uly ähmiýete eýedir.

Ylmy kőmekçi maglumatlar bu muzeý nusgalarynyň häsiýetine eýe bolmaýan ýőne muzeý nusgalaryny őwrenmekde we eksponirlemekde kőmek edýän hazyna girýän maglumatlardyr. Oňa dürli maketler, kartalar, planlar, çyzgylar, shemalar, muzeý nusgalary őwrenilýän prosesinde alynýan uly-kiçi suratlar degişli bolup biler.

Muzeýde ylmy kőmekçi maglumatlaryň sanlarynyň sany olaryň ýerine ýetirlişi bilen kesgitlenýär. Ylmy kőmekçi maglumatlar őzleriniň ýerine ýetirişi boýunça 4 topara bőlünip biler.

Birinji topara degişli ylmy kőmekçi maglumatlar nusganyň daşky keşbi hakynda düşünjeleri toplamaga kőmek

edýär. Bu asyl nusgadan surata düşürmeklikdir. Surata düşrmegiň zerurlygy muzeýde gerek bolan nusgasynyň ýoklugyndan gelip çykýar.

Ikinji topara degişli ylmy-kőmekçi maglumatlar nusganyň gurluşyny anyklaşdyrmaklyga kőmek edýär hem-de hemişe ony őwrenilmek bilen baglanşykly bolup durýar.

Mysal üçin oňa rentgen suratlary, maşynlaryň we mehanizmleriň çyzgysy degişli bolup biler.

Üçünji topara degişli ylmy-kőmekçi maglumatlar muzeý nusgalarynyň arasyndaky arabaglanşygy anyklaşdyrmaklyga kőmek edýär we olary őwrenmekligiň belli bir etapynyň netijelerini berkidýär (mysal üçin metaldaky dürli düzümli ýüpegiň bir gőrnüşli őrüm sapaklaryny gőrkezýän çyzgy).

Dőrdünji topara degişli ylmy-kőmekçi maglumatlar anyk taryhy hadysalar bilen muzeý nusgalarynyň başlangyjyny ýüze çykarmaklygy ýeňilleşdirýär. Senagat kärhanalaryň ősüşi we ýerleşişi hakynda gürrüň berýän diagrammalar, kartalar, şol kärhanalaryň goýberýän nusgalyk őnümleriniň ähmiýetini ýüze çykarmaga ýardam edýär.

Diagrammalar, çyzgylar, kartalar we başgalar muzeý nusgalaryny we hadysalaryny aýdyň düşündirýär we ekspozision maglumatlaryň hatarynda muzeý nusgalaryny

şőhlelendirýän ylmy kőmekçi maglumatlaryň ekspozision toparyny dőredýär.

Ylmy-kőmekçi maglumatlar harçlanan zähmete we maglumata laýyklykda belli bir baha eýedir, ýőne olar muzeý gymmatyna eýe däldirler.

Muzeý fondlary muzeýiň işinde deň derejede rol oýnamaýan, deň derejede jemgyýetçilik ähmiýeti bolmaýan predmetleriň çylşyrymly kompleksinden ybaratdyr. Muzeý fondlaryny beli bir tertibe getirmek örän möhümdir.

Muzeý predmetleriň hil tapawudy ilki bilen olaryň muzeý predmetlerine ýa-da ylmy-kömekçi materiallara degişliligi bilen kesgitlenýär.Bu muzeý predmetleriniň ylym we medeniýet üçin ähmiýetini, şonuň ýalu-da olaryň belli bir muzeýiň işinde roluny şertlendirýär.

Muzeýlerde muzeý predmetleriniň we ylmy-kömekçi materiallaryň ýuridiki ýagdaýy hem dürli bolýar.

Muzeý predmetleri taryhy we medeni ýadygärlikler hasaplanylýar. Ýadygärlikleriň başga görnüşleri bilen bir hatarda olar hem döwlet tarapyndan goralýar.”Türkmenistanyň taryh we medeniýet ýadygärliklerini goramak hakynda” we “Gozgalýan medeni gymmatlyklary goramak, äkitmek we getirmek hakynda”

Türkmenistanyň kanunlary esasynda muzeý predmetleri döwlet goralmagyna degişlidir. Ylmy-kömekçi materiallar taryhy we medeni ýadygärliklere degişli däldirler we kanun boça goralmaýar.

Muzeý predmetleri anyk muzeý işinde bir meňzeş rol oýnamaýar. Olaryň esasy bölegi muzeýiň özi tarapyndan peýdalanýar.Ýöne muzeý fondlary taryhy taýdan kemala gelýär,
wezipelere garaýyşlar we muzeýiň profili üýgäp durýar.Muzeý fondlary kemala gelende muzeýiň profiline degişli bolmadyk ýa-da birmeş ekzemplýarly köp sanly muzeý predmetleriniň toplanmagy hem mümkindir.Şol sebäpden-de muzeý fondlarynda şol muzeýe degişli bolmadyk, ýöne ylym we medeniýet üçin uly ähmiýeti bolan predmetler-de bolup biler.Olar-da taryhy we medeni ýadygärliklere degişli bolup, kanun tarapyndan goralýar.

“Muzeýler we muzeý işi hakynda” Türkmenistanyň kanunyna laýyklykda muzeý işini üstünlikli alyp barmaklygy üçin muzeý fonduna girýän ähli predmetleri olaryň umumy ylmy we umumy medeni ähmiýetine görä böleklere bölmeli we olaryň ýuridiki ýagdaýyny kesgitlemeli. Bu-da fondlary ylmy taýdan guramaklygyň wezipeleriň biri bolup durýar.

Fondlary ylmy taýdan guramaklyk başga-da wajyp maksady göz öňüne tutýar. Muzeý fonduna girýän predmetler

öz aralarynda golaýlyk alamatlary-şol bir taryhy döwre, hadysa, waka çeşmäniň görnüşine degişliligi boýunça özarabaglanşyklydyrlar. Predmetler materiallary gurluşy, temasy, sýužeti, döredilen wagty, ýaşan sosial sredasy, awtorlara degişliligi boýunça-da golaý bolup bilerler.

Predmetleriň baglanşygyny fondlar ylmy taýdan guralanda göz öňüne tutmak örän wajypdyr.Şol sebäpden-de predmetleri ylmy prinsipler esasynda toparlara bölünýärler.

Muzeý kolleksiýasy- bu muzeý predmetleriniň birnäçesini özünde jemleýän bir ýa-da birnäçe alamatlary boýunça umumylygy bolan, ylmy, akyl ýetiriş,çeperçilik jähetden gymmaty bolan predmetleriniň toplumyna aýdylýar. Muzeý kolleksiýasyna mysal edip, aýry-aýry hudožnikleriň çeper eserlerini, belli bir döwre degişli küýze önümleriniň tomlumyny we ş.m. görkezmek bolýar. Kolleksiýalaryň muzeý gymmaty onuň mukdar we hil taýdan dolulygy bilen kesgitlenýär.

Kolleksiýalar biri-birleri bilen taryhy prosesiň ol ýa-da beýleki taraplaryny dokumentleşdirmeklige ukyplylygy bilen hem baglanşyklydyrlar.mysal üçin Altyndepeden Hindistanda öndürilen pil süňkünden ýasalan önümleriň tapylmagy, şol zamanda Hindistan bilen Türkmenistanyň ilatynyň arasynda medeni gatnaşyklaryň bolandygyndan habar berýär.

Bir kolleksiýada saklanan habarlaryň, başga kolleksiýalarda saklanýan habarlaryň üstüni ýetirip we tassyklap bilmäge ukyby bar. Şol sebäpden-de kolleksiýalardaky habarlaryň umumylygy täze hile eýe bolýar. Şol esasda-da muzeý işinde “Muzeý kolleksiýasy” diýen düşünjeden başga-da, “Muzeý ýygyndysy” diýen düşünje-de peýdalanylýar.Muzeý ýygyndysy- bu muzeý kolleksiýalarynyň toplumydyr. Muzeý ýygyndysynyň muzeý gymmaty muzeý profiline laýyklykda taryhy prosesleri nähili doly dokumentleşdirişi olaryň nähili derejede muzeý kommunikasion serişdesi bolup hyzmat edip bilişi bilen kesgitlenilýär.

Muzeý ýygyndysyna düzýän kolleksiýalar ulgamy hasaba alyş, saklanyşy, predmetiň öwrenilişi üçin amatly şertleri üpjün etmelidir.

Şeýlelikde muzeý fondlaryny ylmy taýdan guramaklyk iki sany wezipäni çözýär:

1) Muzeý predmetiniň ylmy we medeniýet üçin hem-de belli bir muzeýiň işi üçin ähmiýetini anyklamak hem-de predmetiň ýuridiki ýagdaýyny kesgitlemek.

2) Muzeý predmetleriniň ýokary derejede saklanyşyny, ylmy esasda barlanyşyny, peýdalanyşyny üpjün etmek üçin şert döretmek.

II-Muzeý fondy guralanda predmetleriň ylymwe medeniýet üçin hem-de muzeýiň öz işi üçin ähmiýeti bilen baglanşykly bölünmegine hem-de muzeý predmetleriniň ýuridiki ýagdaýynyň kesgitlemegine muzeý fondunyň düzümi diýilýär.

Ilki bilen muzeý predmetleriniň hemmesini ýüze çykaryp, olardan ylmy-kömekçi materiallary bölüp aýyrmaly.Şol sebäpden-de muzeý fonduny muzeý ýygyndylarynyň hemmesini özünde jemleýän muzeý predmetleriniň fonduna hem-de ylmy-kömekçi materiallaryň fonduna bölmeklik maksada laýykdyr.

Muzeý predmetleriniň hataryndan muzeýiň ähli işini ýaýbaňlaşdyrmakda baza bolup hyzmat edýän, ýygyndynyň esasyny düzýän predmetler ýüze çykarylýar. Olar esasy fondy düzýär. Eger şol bir muzeý belli bir muzeý predmetlerine isleg bildirse, ol predmetleriň esasynda alyş-çalyş fonduny döredýär.

Predmetleriň ol ýa-da beýleki fondlara degişli dürli ýuridiki dokumentler bilen kesgitlenilýär.

“Muzeýler we muzeý işi hakynda” Turkmenistanyň kanunyna laýyklykda ýurdumyzyň ähli muzeýleriniň muzeý predmetleri Türkmenistanyň muzeý fondunyň dümine girizilýär.

Esasy fonduň içinde onuň ýadrosy-kolleksion fondy döretmeklik maksada laýykdyr. Kolleksion fond muzeýde

ýeke-täk ekzemplýarda ýa-da bar bolan köp ekzemplýaryň içinden iň gowy muzeý predmetlerini öz içine alýar.

Kolleksion fonda giren predmetlere doly meňzeş muzeýiň esasy fondunyň predmetleriniň ekzemplýaryndan duplet fond döredilýär.

Şonuň ýaly fonda zerurlygyň birnäçe sebäpleri bar. Bu adaty muzeý pretmetlerini ýüze çykarmaga ýardam edýär, kolleksion predmetleriniň abatlygyny üpjün edýär,bir görnüşdäki, bir meňzeş predmetleri bir wagtyň özünde ekspozisiýada hem-de sergi zallarynda peýdalanmaklyga mümkinçilik berýär.

Esasy fonddaky predmetleriň kolleksion fonda degişliligi kartoçkalaryň kömegi bilen hasaba alunýar.

Kolleksion fonduň düzümine täsin we adaty predmetler girär. Olar hem ýörite kartoçkalar arkaly hasaba alynýar.

Duplet fonda-da täsin we adty predmetler bolup biler. Alyş-çalyş fondy hem esasy fond ýaly birmeňzeş däl. Ol profile degişli däl muzeý predmetleriniň fondundan hem-de artykmaç duplet ekzemplýaryň fondundan ybaratdyr.Alyş-çalyş fondunda hem esasy fonddaky ýaly täsin we adaty muzeý predmetleri girip biler.

Alyş-çalyş fondy medeniýet ministrliginiň rugsady bilen beýleki muzeýler bilen predmetleri alyş-çalyş etmek ýa-da hiç-zatsyz bermek üçin kesgitlenendir.

## §6 Muzeý fondunyň düzümi.

Muzeý fondy

Muzeý predmetleriniň fondy Ylmy kömekçi materiallarrryň fondy

Esasy fond alyş çalyş fondy

Kolleksion fond dublet fond profile degişli däl artykmaç fondy predmetler

dublet nusgalaryň fondy

täsin adaty täsin adaty täsin adaty

predmetleriň predmetleriň pred. pred. pred. pred.

fondy fondy fondy fondy fondy fondy.

3. Fonduň işiniň,predmetleriň özara baglanyşygy hem-de predmetleri öwrenmek, olaryň üstüni ýetirmek, saklamak we peýdalanmak üçin oňaýly şertleriň döredilmegi üçin guralmagyna fonduň gurluşy diýilýär.

Fonduň gurluşy işlenip düzülende düşünjeleriň möçberiniň bölüşiniň düzgünleriniň hasaba alynmagy zerurdyr.

Predmetleriň has umumy häsiýeti olaryň ol ýa-da beýleki çeşmelere degişliligi bilen kesgitlenilýär. Taryh profili muzeýlerde gurluş toparlarynyň emele gelmegi adaty boluşy ýaly predmetleriň çeşmeleriniň görnüşlerine-maddy, şekillendiriş we ýazuw bölünmeginden başlanýar. Kinodokumentleri we ses ýazgylary aýratyn topar hökmünde bünýärler.

Predmetleri çeşmeleriň görnüşleri boýunça birildirmeklik belli bir çeşmeşynaslyk bilimlerini we endiklerini talap edýär. Çeşmäniň görnüşi köp derejede onuň fiziki häsiýeti bilen baglanşyklydyr, ol-da predmetiň saklanyüçin wajypdyr.

Arheologiki kolleksiýalary bar bolan muzeý, arheologiki medeniýetleriň klassifikasiýasyna laýyklykda olardan özbaşdak gurluşy toparlaryň maddy çeşmeleriniň hataryna bölünýänlerden durýar.

Arheologiki kolleksiýa degişli bolmadyk maddy çeşmeler, soňra materiallaryň umumylygy boýunça toparlara bölünýärler. Agaç, keramiki, aýna, mata, sintetiki materiallar yalar emele gelýär.

Materialy aňladýan dşünje ýygnama häsiýete eýedir.”Mwtal” dşünjesine mysal üçin demir, mis, gurşun, kümüş,altyn we ş.m. girýär.

“Keramika” düşünjesine – gödek keramika, faýans, farfor girýär. Materialyň dürli görnüşliligi maddy çeşmeleriň arheologiki däl kolleksiýalaryň mundan beýläk bölünmegine esas bolup hyzmat edýär.

Soňra kolleksiň gerek ýerinde peýdalanmagy boýunça,territorial alamatlary öndürilen wagty, sosial, awtorlyk degişliligi boýunça bölünýärler. Bölünşigiň amala aşyrylyş tertibi, kolleksiýalaryň häsiýetine baglylykda üýtgäp-de biler.

Şekillendiriş çeşmeleriniň kolleksiýalaryna şekillendiriş sungatynyň eseri, plakatlar we häzirki zaman poligrafiýa önümleri, suratlar hem-de kartalary, atlaslary, globuslary, planlary, çyzgylary öz içine alýan shematik şekilleriň kolleksiýalary degişlidir.

Ýazuw çeşmelerini hronologoýa esasynda iri kolleksiýalara bölmeklik maksada laýyk bilinýär.

Seýrek duş gelýän kitaplaryň kolleksiýalaryny memorial kitaplara hem-de momerial şahsyýetleriň awtorlary bolan kitaplara bölmeklik maslahat berilýär. Irki döwre degişli seýrek duýän kitaplary golýazma we köne neşir ýaly böleklere bölmeklik maslahat berilýär.

Soňra ýazuw çeşmeleri tematiki we pudaklaýyn prinsipler boýunça bölünip biliner.

Tematiki prinsip boýunça çeşmeler toparlara bölünişine anyk bir taryhy tema degişli bolup biler. Mysal üçin “Türkmen halkynyň

Watançylyk urşy” diýen tema ýa-da “Türkmenistan garaşsyzlyk ýyllarynda “ diýen tema we ş.m.

Pudaklaýyn prinsip boýunça çeşmeleriň toparlara bölünişi çeşmäniň belli bir jemgyýetçilik sferasyna gatnaşygy esasynda amala aşyrylýar. Garaşsyzlyk ýyllarynyň ýazuw çeşmelerini pudaklaýyn prisip esasynda şunuň ýaly toparlara bölüp bolar. Mysal üçin “ylym we medeniýet , “ Türkmenistanyň jemgyýetçilik syýasy durmuşy”, “Türkmenistanyň oba-hojalygy” we ş.m.

## §7 **Fond işiniň esasy ugurlary.**

Muzeýiň fondy bilen muzeýiň hemme ylmy bölümleri iş alyp barýar.Şonuň üçin-de “Fond işi” diýen düşünjäni kesgitlemek zerurdyr.

Fond işiniň maksady- muzeý predmetlerini saklamak, barlamak we peýdalanmak üçin oňaýly şertleri döretmekden, maddy we ruhy medeniýetiň taryhy boýunça ylmy barlaglary geçirmekden, fond işiniň teoriýasy weusulyýetini işläp taýýarlamakdan ybaratdyr.

Muzeý predmetlerini saklamaklyk işi ilki bilen daş töweregi gurşap alan sredadan muzeý ähmiýetli predmetleri saýlap

almakdan ybaratdyr. Bu muzeý fonduny toplamaklygyň esasy wezipesidir.

Predmetleri saýlap almagyň zerur şertleri – bu olary medeni gymmatlyk hökmünde, bilimleriň we duýgularyň çeşmesi hökmünde olaryň ähmiýetini kesgitlemekligi öwrenmekdir. Predmeti saýlanýan döwründe öwrenmeklik predmetiň muzeý gymmatynyň barlygyny ýa-da ýoklugyny anyklamaklygy maksat edinýär.

Muzeý predmetleriniň saýlanyşynda muzeýiň ekspozision wezipelerini-de göz öňüne tutmak wajypdyr. Bu işe muzeýiň ekspozision bölümleriniň işgärleri-de işeňňirlik bilen gatnaşmalydyr.

Toplanylan predmetleriň abatlygyny üpjün etmek üçin olaryň döwlet eýeçiligine degişliligi ýörite dokumentlerde hasaba alynýar.

Fondlary hasaba almak predmetleri şondan şeýläk-de öwrenmek esasynda amala aşyrylýar, sebäbi hasabat dokumentlerine predmet barada ýazgy ýazmak üçin ylmy maglumatlara daýanylmaly bolýar. Hasbat dokumentlerinde ýazylan bu maglumatlar-da ýuridiki güýje zerur. Ylmy-kömekçi materiallar aýratyn düzgünler esasynda goralýar.

Muzeýler we muzeý işi hakynda Türkmenistanyň kanunynda “Türkmenistanyň muzeý fondunyň ýadygärlikleri hasaba alynmaga degişlidir. Muzeý fondunyň ýadygärliklerini hasaba

almagyň tertibi Türkmenistanyň Medeniýet ministrligi tarapyndan kesgitlenilýär” diýlip bellenilýär.

Muzeý predmetleriniň we ylmy kömekçi materiallaryň fiziki abatlygyny, olaryň ilki başdaky görnüşinde dikeldilmegini, peýdalanmaklygy üçin oňaýlylygyny üpjün etmeklige şert döretmek zerurdyr. Bu fonduň saklanyşynyň wezipesidir.

Muzeýler we muzeý işi hakynda Türkmenistanyň kanunynda “Türkmenistanyň muzeý fondunyň ýadygärlikleriniň eýeleri ýa-da oňa ygtyýarly organlar şol ýadygärlikleriň degişli hasabatyny we abatlygyny üpjün etmeklige borçludyrlar.

Türkmenistanyň muzeý fondunyň ýadygärliklerini degişli derejede saklamagy üpjünetmek maksady bilen, olaryň eýeleri ýa-da oňa ygtyýarly organlar degişli şertler döretmelidirler, ýadygärlikleri saklamagyň ylmy taýdan esaslandyrylan ýötite düzgünini ýola goýmalydyrlar, olaryň konsenwirlenmegini hem-de restawrirlenmegini geçirmelidirler.

Türkmenistanyň uzeý fondunyň hukuk taýdan goralyşy hereket edýän kanunçylyk arkaly kesgitlenilýär.

Türkmenistanyň muzeý fondunyň döwlet eýeçiliginde bolup durýan ýadygärlikleri hususylaşdyrmaga degişli däldir.

Fonduň saklanyşynyň wezipelerini üstünlikli çözmeklik diňe predmetleriň kesgitli bir öwreniliş derejesi esasynda mümkindir. Şol sebäpden-de predmetler öwrenilende olaryň

fiziki –himiki häsiýetleriniň umumylyklarynyň esasynda toparlara bölünýär hem-de aýratyn şertlerde saklanmaklyga mätäç predmetleriň topary ýüze çykarylýar.

Fonda predmetleri oýlanşykly ýerleşdirmek olary muzeýiň ylmy,ekspozision, ylmy aň-bilim ýaýratmak işinde peýdalanmak amatly şertleri döretmek üçin wajypdyr. Fonduň peýdalanyş derejesi olaryň öwrenilişine berk baglydyr. Fondlary hemmetaraplaýyn we çuňnur öwrenmekligiň netijesinde ylma esaslanan giň agtaryş ulgamyny döredip bolýar.

2.Muzeý fondlary peýdalanmaklygyň wezipesine fonduň bölümleriniň işgärleri tarapyndan geçirilýän konsultasiýalar hem degişli bolup durýar. Geçirilýän konsultasiýalar fond işgärleriniň fondlara ýerleşýän muzeý predmetleri barada doly habar almaklaryna ýardam edýär. Konsultasiýalaryň hili fondlaryň öwreniliş derejesine bagly bolýar. Konsultasiýalarda köplenç fondlaryň mazmunyna, düzümine, gurluşyna umumy häsiýetnama berilýär. Konsultasiýalar belli bir tema degişli materiallary ýüze çykarmaga we olara häsiýetnama bermeklige ýardam edýär.

Muzeýlerde kompleksleýin konsultasiýalar hem berilip bilner. Onuň ýaly konsultasiýalar talyplar üçin ýa-da täze işe başlan işgärlere

berilýär.

3.Toplamaklyk, hasaba almaklyk, fondlary saklamaklyk we konsultasion iş esasynda ýatýan işleri boýunça muzeý predmetleri öwrenmeklik, şolbir wagtyň ünde predmetleri kesgitlemekligi, klassifikasiýalaşdyrmaklygy, ulgamlaşdyrmaklygy, düşündirmekligi öz içine almaklyk özbaşdak ähmiýete eýedir.

“Muzeý predmetlerini öwrenmeklik” düşünjesi ‘Taryhy çeşmeleri öwrenmeklik” dşünjesine örän ýakyndyr. Olar diňe “Düşündirmek” dsünjesiniň möçberi boýunça tapawutlanýar. Çeşmeşynasçy-taryhçylar predmeti dşündirmeklik meselesine düşünýärler. Muzeýi öwreniiler bolsa, predmeti diňe bir bilim çeşmesi hökmünde düşündirilmän eýsem duýgy çeşmesi tutuslygyna medeni gymmatlyk hökmünde-de düşündirýärler.

Predmetlere mahsus bolan alamatlary ýüze çykarmak- ony kesgitlemekligiň  wezipesi bolup durýar. Predmetiň alamatlary onuň mazmunynyň dürli tarapyny aňladýar.

Material,görnüş, ölçeg, agram, reňk-bular predmetiň fiziki häsiýetidir. Maddy çeşmäniň temasy, sýužeti, ses ýazgylary predmetiň funksional niýetlenişini aňladýar.

Predmetleriň hemme alamatlary biri-biri bilen özara baglanşyklydyrlar. Mysal üçin kesgitli bir zada niýetlenen maddy medeniýetiň ýadygärligi (tokor stanogy, himiki gap-gaç, geýim-gejim) olara häsiýetli bolan materiala, görnüşe, ölçege

eýe bolmalydyr. Şonuň bilen birlikde bu alamatlar diňe bir predmetiň nämä niýetlenenini kesgitlemän, eýsem predmetiň taýýarlanylan wagtyny, ýagnyhaýsy sosial sredada ulanylanlygyny hem kesgitleýär.

Muzeý predmeti taryhçyny aýry-aýry habarlary gökmünde gyzyklandyryp biler. Musal üçin arheologlar tapylan zähmet gurallarynyň ilki bilen haýsy materialdan ýasalandygyna üns berýärler. Şonuň esasynda-da köplenç tapylan zähmet guralynyň haýsy döwre degişlidigini kesgitleýarler

Muzeý predmetleri özaralarynda köp ýa-da az sanly ýakyn alamatlary boýunça-da baglanşyklydyrlar. Predmetleriň özara baglanşygyny olaryň klassifikasiýasy we ulgamlaşdyrylyşy anyklaşdyrýar.

Muzeý predmetleriniň klassifikasy- bu gerekli muzeý Predmetleriniň ählisiniň ýakynlyk we tapawutlylyk alamatlaty boýunça bölünmegidir. Muzeý predmetleri wajyp alamatlary ýa-da bir alamaty boýunça bölünip bilner. Predmetleriň klassifikasiýasy hronologiki, geografiki, awtorlary boýunça, pudaklaýyn, tematiki hem bolup biler. Ol ýa-da beýleki klassifikasiýa muzeý fondlarynyň gurluşynyň esasynda döreýär. Muzeý predmetleriniň klassifikasiýasy klassifikasion shemanyň kömegi arkaly amala aşyrylýar.

Muzeýiň kabul eden klassifikasiýasynyň esasynda kartoçkalaryň kömegi bilen muzeýde bar bolan predmetler

toparlara bölünýär. Muňa Muzeýi öwreniş ylmynda ulgamlaşdyrmak diýip at berilýär.

Ulgamlaşdyrmak her bir predmetiň ýerini kesgitlemeklige, olaryň gymmatyny anyklamaklyga, predmetlerdäki habarlaryň mazmunyny toparlara bölmeklige we predmetleriň kompleksiniň gymmatyny kesgitlemeklige mümkinçilik berýär.

Muzeý predmetleriniň klassifikasiýa we ulgamlaşdyryş prosesleri biri-birleribilen berk baglanyşyklydyr. Ulgamlaşdyrmak klassifikasiýanyň esasynda döreýär, klassifikasiýa ulgamlaşdyrmak prosesinde kämilleşdirilýär we üsti ýetirilýär.

Muzeý predmeti- taryhy prosesiň elementidir, şol sebäpden-de predmetiň hakykylygy-ony öwrenmegiň än wajyp tarapydyr. Predmetiň hakykylygy üznüksiz birlikde durýan onuň ähli alamatlarynyň deňeşdirilmegi esasynda subut edilýär.

Çeşmeleriň ynamlylygy- şöhlelendirilýän hadysalaryň ýa-da wanalaryň mazmunynyň hakykata gabat gelşi derejesine bagly bolýar.

## §8**Muzeý predmetlerini öwrenmegiň usulyýeti.**

Muzeý predmetleriniň öwrenilşiniň usulyýeti hakynda gürrüň edilende,ilki bilen bu meselň amatly tarapyndan çemeleşmekligiň zerurlygyny bellemeklik gerekdir. Muzeý predmetleriniň öwreniliş prosesi, ilki bilen-de olaryň kesgitlemesi birnäçe pursatlara baglydygyny bellemelidiris. Ol pursatlar şu aşakdakylardyr.

a) Öwrenilýän predmetiň mälimlik derejesine we şol predmet bilen
baglanşykly hadysanyň ýa-da wakanyň ululygyna;
b) Öwrenilýän predmetiň degişli çeşmäniň görnüşine;
w) Öwrenilýän predmetiň näme üçin niýetlenendigini;
g) Öwrenilýän predmet bolup geçen belli bir uly waka ýa-da hadysa dünde ýasalypdyrmy ýa-da ondan soň;
d) Öwrenilýän predmet bolup geçen belli bir uly hadysa döwründe tapylypdyrmy ýa-da soň;
e) Öwrenilýän predmetiň ýeke özi tapylypdyrmy ýa-da başga predmetler bilen bilelikde; we başgalar.

Öwrenilýän predmet barada rowaýatlaryň barlygy ýa-da ýoklugy, predmetiň eýesi ýa-da muzeý işgäri tarapyndan düzülen düşündiriş ýazgysynyň bolmagyny ýa-da ýoklugyny anyklamaklyk hem muzeý predmetini öwrenmekde wajypdyr.

Öwrenilýän predmetiň kesgitlenişi prosesinde onuň hemme häsiýetli alamatlary ýüze çykarylýar. Her bir anyk ýagdaýda predmetden mümkin bolan “maglumaty” almak örän zerurdyr. Öwrenilýän predmetlerden alamatlaryň ýüze çykaryş tertibi indiwidual häsiýete eýedir. Şol sebäpden-de predmeti öwreniji barlagçy onuň alamatlarynyň ýeňil kesgitlenýänlerinden öwrenip başlaýar.

Muzeý predmetlerini owrenmeklik predmetiň ýasalan materialyny,ýasalyş usulyny ,ölçegini, görnüşini, gurluşyny anyklamakdan başlaýar. Predmetiň bu alamatlary diňe bir fondlaryň hasabyny we saklanyşyny dogry ýola goýmak üçin gerek bolman eýsem, öwrenilýan predmetiň başga alamatlaryny hem ýüze çykarmak üçin-de wajypdyr. Ol alamatlar bolsa, maddy çeşmelerden taryhy prosesi açyk görkezýän gymmatly maglumatlary almaga ýardam edär.

Öwrenilýän predmetiň materialyny kesgitlemek üçin dürli materiallaryň fiziki-himiki häsiýeti bilmeklik zerurdyr.

(materiallaryň gurluş häsiýeti, agramy,reňki, dykyzlygy,we ş.m) Biz onçakly kynçylyk çekmän memaly agajy, keramikany, aýnany, plasmassany, matany, kagyzy, pergamenti we ş.m kesgitläp bilýäris.Ýöne bize materialyň haýsy anyk görnüşi bilen iş salyşýanlygymyzy kesgitlemek bilen belli bir kynçylygy döredýär.

Sebäbi agajyň görnüşini ,kagyzyň sortuny, süýümiň dümini kesgitlemeklik ýörite bilimleri talap edär.

Muzeý predmetleri öwrenilende olaryň taýýarlanyş usuly hem anyklanýar. Bu maglumatlar önümçilik güýçleriniň ösüş taryhy, ylmyň we medeniýetiň taryhy öwrenilende zerurdyr.

Predmeti elde ýa-da mehaniki usul bilen taýýarlap bolar. Her bir taýýarlanyş usuly predmete häsiýetli alamat berýär. Mysal üçin urgy bilen ýasalan metal önüminiň ýüzünde urgynyň yzlaryny görmek bolýar.

Predmetiň taýýarlanyň usulyny kesgitlemeklik onuň ýasalan materialyny anyklamaklyga, kä halatda bolsa predmetiň ýasalan wagtyny bilmeklige ýardam edýär.

Predmetiň ölçegi- göräýmäge arassa formal alamatlaryň biri. Ýöne ölçeg köp halatda diňe bir tomaşacynyň ünsüni çekmek bilen çäklenmän, eýsem predmetiň maglumat berijilik häsiýetini-de kesgitlenýär. Mysal üçin üly göwrümli maşynlaryň we mehanizmleriň detaly, bir tarapdan, ol maşynlaryň we mehanizmleriň kuwwatlylygyny gorkezýän bolsa, ikinji tarapdan, olary goýberýän kärhanalarda önümçilik tehnologiýasynyň ýokary döredijiligini görkezýär.

Maddy medeniýetiň ýadygärlikleri (maddy çeşmeler) öwrenmekde predmetiň görnüşini we gurluşyny öwrenmeklik aýratyn ähmiýete eýedir. Predmetiň anyklan materialy we ölçegi bilen birlikde ol predmetiň näme üçin kesgitlemekligini

anyklamaklyga we predmetiň funksianal mümkinçiligini kesgitlemeklige ýardam edýär.

Şekillendiriş we dilden aýdylan çeşmeleriň habar berijilik häsiýeti maddy çeşmelere seredeniňde ep-esli az bolýar. Olar esasan ol çeşmeleriň temasy, spisogy, ideal ugry bilen baglanşyklydyr.

Muzeýler üçin bar bolan klassifikasion shemanyň haýsyny ulanmaklygy kesgitlemeklik wajypdyr. Sebäbi muzeý üçin öz klassifikasion ulgamyny işläp taýýarlamaklyk zerurdyr.

Muzeý predmetleriniň umumy klassifikasiýasy olary çeşmeleriň görnüşleri boýunça, soňra möhüm alamatlaryň her biri boýunça bölýär. Bu diňe muzeý ýygyndylarynyň hemmesini öz içine almaklyk mümkinçiligi bilen çäklenmän, eýsem, ýygyndyda nähili predmetleriň ýetmeýänligini ýüze çykarmaklyga hem ýardam edýär.

Türkmenistanyň taryh profilli muzeýlerinde muzeý fondunyň gurluşynyň esasynda umumy klassifikasiýa ýatýar.

Predmetleri umuumy klassifikasiýa ulgamy esasynda bölmeklik prinsipi prdmetleri kesgitlemeklik üçin örän möhümdir. Onuň roly maddy we ruhy medeniýetiň taryhyny öwrenmekde has-da wajypdyr.

Muzeýlerde umumy klassifikasiýa bilen birlikde muzeý predmetlerini bir ýakynlyk alamatlary boýunça toparlaşdyrmaklyk klassifikasiýasy hem ulanylýar.

Hronologiki (hadysalaryň wakalaryň bolup geçen döwürleri boýunça yzygiderli beýany) alamatlary boýunça klassifikasiýalaşdyrmak iki görnüşde

a) Predmetleriň döredilen wagty;

b) Predmetleriň ulanyşda bolan döwri boýunça bolup biler.

Predmetleriň ulanyşda bolan döwrüni bilmeklik etnografiki we memorial muzeýler üçin wajypdyr. Predmetler toparlara (esasan arheologiki predmetler) müňýyllyk, asyr, ýarym we çärýek asyr,
onýyllyk, ýyl, aý degişlilikde bölünýärler.

Muzeý predmetleriniň geografiki alamatlary boýunça klassifikasiýasy hem iki görnüşden ybaratdyr. Munda predmetleriň döredilen ýeri hem-de ulanyşda bolan ýeri göz öňüne tutulýar. Predmetler ýurtlar, ýurtlaryň administratiw bölünüşi, ilatly punktlary, önümçilik ýa-da peýdalanyş merkezleri boýunça toparlara bölünip bilner.

Etnografiki muzeýlerde muzeý predmetlerini etnografiki degişlilikleri esasynda toparlandyrmak maksada laýyk bilinýär.

Muzeý predmetlerini sosial degişlilikleri boýunça birleşdirmeklik belli bir sosial sredada peýdalanylan predmetler üçin gerekdir.

Belli bir awtoryň ýa-da ussanyň işlerine degişli predmetler awtorlyk degişlilikleri boýunça toparlara bölünýär.

Muzeýlerde predmet klassifikasiýasy- niýetlenişi ýa-da sýužeti boýunça ýakyn predmetleriň toparlara bölünmeginden ybaratdyr.

Muzeý predmetleriniň tematiki klassifikasiýasy taryh profilli muzeýlerde taryh bilimli we ekspozisiýany gurluşyna ýakyn klassifikasiýanyň esasynda geçirilýar. Munda belli bir territoriýada taryhy ösüşiň aýratynlyklary göz öňüne tutulýar.

Muzeýlerde predmetleri pudaklaýyn prinsip boýunça klassifikasiýa bölmeklik predmetleriň jemgyýetçilik durmuşynyň sferasyna gatnaşygy esasynda amala aşyrylýar.

Ýokarda seredilen muzeý predmetleriniň klassifikasiýasy muzeý predmetleriniň peýdalanyş aspektiwi ýüze çykarmaga ýardam edýär.

Muzeý predmetleriniň manysyny ýüze çykarmaklyk- olary kesgitlemegiň we ulgamlaşdyrmagyň sinteziniň netijesi esasyda kemala gelýär.

Muzeý predmetiniň manysyny ýüze çykarmaklyk olara bagyşlanyp ýazyljak barlaglary talap edýär Şeýle barlaglaryň obýekti bolup çeşmeleriň bir ýa-da dürli görnüşlerine degişli bolan bir predmet ýa-da predmetleriň topary bolup biler. Predmete bagyşlanyp ýazyljak barlaglaryň netijesi predmetiň monografiki ýazylyp beýan edilmesi bolup biler.

Muzeý ýygyndylarynda ýerleşýän hemme muzeý predmetlerini hemme taraplaýyn ylmy barlaglardan geçirmek hemişe mümkin bolmaýar.Ýöne ekspozisiýada ýerleşdirilýän predmetleri hemme taraplaýyn öwrenmekligiň zerurlygyny durmuş görkezýär.

Muzeý tejribesiniň görkezişi ýaly ekspozisiýada goýulýan predmetler öwrenilende, diňe şol predmet barada maglumat alynman eýsem, şol predmet bilen baglanşykly taryhy wakalar, hadysalar hem doly öwrenilmäge degişli bolup durýar.

## §9 Muzeý predmetleriniň saklanyşy.

Hemme predmetler şol sanda muzeý fonduna girýän predmetler hem fiziki-mehaniki özgermelere sezewar bolup, olarda tebygy köpelmek (garramak) hadysasy bolup geçýär. Ol hadysanyň özi köpülenç howanyň we ýagtylygyň täsiri esasynda bolup bilýär. Predmetlere biologiki zyýan ýetirijiler, mör-möjekler, mikroorganizmler (ýönekeý göze görünmeýän janly jandarlar organizmler), gemrijiler bolup durýar.

Predmetler mehaniki şikest ýetirijilerden hem zaýalanyp bilýär.

Şu faktorlaryň hemmesiniň täsiri biri-biri bilen berk baglanşyklydyr. Temperaturanyň we çyglylygyň derejesiniň belli bir derejede utgaşmagy muzeý predmetiniň tebigy könelmek proseini belli bir derejede haýallandyrýar- ýada çaltlandyrýar. Gazly hapalaýjylaryň bar ýerinde howanyň çyglylygyny ýokarlandyrdaň predmetlere zyýanly täsir edýänhimiki birleşmeleriň döremegine getirýär. Tozanly hapalaýjylar howanyň çyglylygyň ýokarlanan ýagdaýynda predmetleriň ak tegmiller bilen heňlenmegine oňaýly mümkinçilik döreýär. Muzeý predmetlerine oňaýsyz faktorlaryň täsir edijiligini peseltmek üçin muzeýlerde predmetleriň belli bir saklanyüzgüni girizilýär.

Ol düzgün temperatura çyglylyk, howany hapalaýjylardan goramak çärelerinden, biologiki, mehaniki zeper ýetirmezden, dürli awariýalaryň öňüni almak üçin geçirilýän çärelerden, fondlary goramak bilen baglanşykly çärelerden we başga adatdan daýagdaýlardan goramakdan ybaratdyr.

Taryh profilli muzeýleriň fonduna girýän predmetler örän dürli görnüşli. Şol sebäpden-de muzeý predmetleri birinjiden, fond saklawhanasynda predmetleriň saklanyşdunini dgry kanagatlandyrar ýaly talaplara laýyk etmeli, ikinjiden bolsa, olaryň her birini peýdalanmak üçin amatly bolmagyna mümkinçilik döretmeli.

Şu iki wezipe fondlaryň saklanyş ulgamynyň esasyny çözýär.

Fondsaklawhanasyndaky enjamlar şu talaplary ödemelidirler

1) Predmetleriň iň ýokary derejede saklanylşynyň üpjün edilmegini gazanmaly ol sebäpden-de muzeý abzallaryny muzeý predmetlerini saklamak üçin oňaýly materiallardan taýýarlamak zerur. Taýýarlananabzallar muzeý predmetlerini ýerleşdirmek, dşikest ýetirmelerden, tozandan,
çyg- geçmelerden gorap saklamak üçin amatly bolmaly. Abzallaryň gulp asar ýaly ýeri, möhür blomba bolar ýaly ýeri bolmaly. Muzeý predmetleriniň saklanýan şkaflary ýagtylyk göni geçmez ýaly abzallaşdyrylan

bolmaly.Ýagtylandyrylmagy zerur bolan predmetler üçin bolsa gapylary aýnalanan şkaflar bolamaly.

2) Fond saklawhanasynyň meýdanyny ýerlikli peýdalanmaly we tygşytly bolmaly. Bu talaba birmeňzeş seksion mebeliň bolmagy gabat gelýär.

3) Fondsaklawhanasynyň enjamlar saklawhanasyndaky predmetler bilen işlemek üçin amatly bolmaly. Islendik wagty ol ýerden gerek predmeti ýeňillik bilen alyp, ýene-de ýerine goýup bolar ýaly bolmaly. Su talaby ýerine ýetirmek üçin bolsa,diňe bir abzallaryň konstruksiýasyna roly degişli bolman, eýsem iş ýerleiniň guralyşy, predmetleri ondan oňa göçürmek üçin amatly gurluşyň bolmagy hem zerur.

Muzeý predmetleriniň saklanyş düzgüni we ulgamy esasynda alnyp barylýan fond işleriniň ugruna muzeý fondunyň saklanyşy diýilýär. Onuň esasy maksady bolsa, fond predmetleriniň fiziki taýdan abat saklanyşy we ondaky predmetleri peýdalanmak üçin el-ýeterligini üpjün etmekden ybarat.

Muzeý predmetleriniň saklanyşy predmetleriň muzeýda bolan bütin dowamynda amala aşyrylmalydyr. (Predmet saklawhanada bolsa-da ekspozisiýada bolsa,ondan oňa süýşürilende onuň abat saklanyşyny üpjün etmeli)

(Ekspozisiýa- muzeýde syn etmek üçin goýulan muzeý materialynyň belli bir tertipde goýulmagy we goýulan zatlar).

Muzeý predmetleriniň saklanyşyny guramak hakyndaky prinsipial düzgünler döwlet möçberindäki normatiw aktlarda bolýar. Ol düzgünleri berjaý etmek bolsa ýurduň hemme muzeýleri üçin hökmandyr. Ýöne her bir muzeýiň öz boluşly aýratynlygy bolýar. Fonduň duzüminde, gurluşynda, mazmunynda ol aýratynlyklar ýüze çykýar. Her bir muzeýiň jaýynyň, fondsaklawhanasynyň hem özboluşly aýratynlygy bolýar. Şonuň üçinem,esasy normatiw dokumente goşmaça dokument hökmünde fondlaryň saklanyşy boýunça muzeýlerde içki instruksiýa hem bolýar.

## §10 Muzeý fondynyň saklanyşynyň düzgünleri

Muzeýlerde muzeý predmetleriniň saklanýan ýa-da eksponirlenýän otaglarda olaryň tebygy könelmeginiň mümkin boldugyça saklap bolmagyna täsir edýän temperaturany we çyglylygy saklamak zerurdyr.

Temperatura we çyglylyk predmetleriň tebygy köneliş prosesine güýçli täsir edýär. Şol täsiriň häsiýeti we güýji köp halatda muzeý predmetiniň ýasalan materialyna, onuň gurluşna, predmetiň muzeýye getirilmezden öň saklanylşyna baglydyr.

Muzeý predmetleriniň temperatura çyglylyk düzgüni kesgitlenýär,
olaryň öňki saklanýan ýerine nähili şertlerde saklanandygyny anyklamak waypdyr. Mysal üçin metaldan ýasalan predmetler toprak koroziýany özünde saklaýar. Metal pedmetlerde kooziýanyň haýallandyrmak üçin predmetleri az çygly giňişlikde ýerleşdimeli. Edil
Sunuň ýaly ýagdaýda arheologiki gazuw agtaryş işleri wagtynda tapylan aýna önümleri saklanmalydyr. Emma gazuw agtaryş işleri wagtynda tapylan agaç önümleri köp çygly ýerde saklanmalydyr.

Ümuman metal önümleri +18 –20 C temperaturada ,50% çenli çyglylykda; aýna, emaly we küýze önümlerini +12 –20 C temperaturada,55 – 65% çyglylykda; agaçdan ýasalan önümleri +15 –18 C temperaturada, 50 – 60% çyglylykda; mata önümleri

+15 –18 C temperaturada, 55 – 65% çyglylykda saklamaklyk maslahat berilýär.

Temperatura- çyglylyk düzgüni eger muzeý otaglarynda kondisaner bolanda-da hemişe gözegçilik astynda bolmalydyr. Şeýle gözegçilik ýörüte abzallaryň üsti bilen amala aşyrylmalydyr. Düzgün boýunça abzallaryň görkezýän görkezijilerini günde iki gezek ýörüte žurnallarda ýazylyp hasaba alynýar.

Ýagtylyk düzgüni.

Muzeýlerde ýagtylyk düzgüni muzeý predmetlerine ýagtylyk şöhleleriniň düşüşini düzgünleşdirmeklige gönüklenendir. Ol muzeý
predmetiniň tebygy könelmek prosesini haýallandyrmak üçin zerurdyr.Ýagtylyk düzgüni muzeý predmetiniň ýasalan materialyna
baglylykda girizilýär.Ýagtylyk düzgüni predmetiň saklanyş derejesine-de bagly bolýar.

Ýagtylyk- bu elektromagnit, tolkunly şöhle saçmakdyr.

Ýagtylygyň täsiri predmete foto-himiki we fiziki taýdan üýtgemeklige getirip biler.

Dürli hili materiala ýagtylyk dürli täsir edýär. Predmetleri çydamlylygy boýunça esasan üç topara bölüp bolýar:

1)Ýagtylyga örän ýokary çydamly predmetler.

Muňa matadan, reňksiz daşdan, çipsden, keramikadan, reňksiz aýnadan önümler degişli bolup biler.

2) Ýagtylyga orta çydamly predmetler.

Muňa süňkden, deriden, agaçdan, žiwopis eserleriniň aýry-aýry görnüşleri degişli bolup biler.

1) Ýagtylyga pes çydamly predmetler.

Muňa fotosuratlar, kagyz, mata we ş.m. degişli bolup biler.

Ýagtylygyň predmete täsiri diňe bir predmetiň materialyna-da bagly bolman, eýsem onuň reňkine-de köp derejede baglydyr. Gara reňk ýagtylyk tolkunlaryny özüne köp siňdirmäge ukyply. Göni düşýän gün şöhleleri materiallaryň hemme görnüşleri üçinem zyýanlydyr. Ýagtylyga ýokary çydamlylykly predmetleri-de gün şöhlesiniň göni düşmesinden goramak wajypdyr.

Süňkden ýasalan önümlere uzak wagtlap ýagtylyk düşmese olaryň reňki saralýar. Ak gün uzak wagtlap düşmeýän ýerde saklamaklyk maslahat berilýär.

Muzeý predmetini surata almak we kino düşürmekligiň hem düzgünleri normatiw dokumentler arkaly kesgitlenilýär.

Howany hapalaýjylardan goramak düzgüni.

Muzeý predmetiniň könelmek prosesine howadaky garyndylar uly täsir edýärler. Olara gazly hapalaýjylar – kükürtli (serinistnyý) gaz, kükürtli wodorod, amiak, hlor, şonuň

ýaly-da belli bir mukdardaky organiki we mineral ýagdaýdaky tozanjuklar, gurum (saža) degişlidir.

Howanyň hapalanşynyň derejesi köp halatda muzeýiň ýerleşýen yerine hem bagly bolýar. Senagat kärhanalardangolaýda ýa-da uzakda
ýerleşişi, muzeý territoriýasynyň we jaýlaryň arassalygy howanyň hapalanyş derejesine täsir edýär.

1) Kükürtli gaz – ýanmak prosesinde döreýär. Kükürtli gazyň mukdary sowuk, gurak howada has hem artýar, ol gaz çyglylyk bilen birigip kükürtli gazy emele getirýär. Kükürtli gazy mata , deri, kagyz, elde çekilen suratlara dargadyjy täsir edýär.
2) Kükürtli wodorod – zatlaryň çüýremegi esasynda döreýär, adamyň howa goýberiş deminde hem belli bir derejede bolýar, ol metala, reňke, mata erbet täsir edýär.
3) Hlor – howa esasan tehnologiki prosesda hlory peýdalanýan kärhanalar tarapyndan goýberilýär. Ol kagyza, mata, bürünje erbet täsir edýär.
4) Amiak – edil kükürtli wodorod ýaly çüýremeden döreýär. Suwda ereýär. Ol kümüşe, reňke, laka güýçli täsir edýär.
5) Tozanjyklar, gurum, tüsse – predmetlerde çyglylygy we gazy saklaýar, himiki reaksiýa geçmekligi çaltlaşdyrýar. Tozanjyklar bolsa, biologik zyýankeşleriň döremegine şert

döredýär. Şol sebäpden muzeýde howanyň arassalygyny ýörüte pribor arkaly barlap durmaly. Predmetleri wagtal-wagtal süpürip arassalamaly. Predmetleri papkalarda, futlýarlarda, daşlyklarda (çehol) saklamaklyk maslahat berilýär.

Muzeý predmetleri biologiki zyýankeşler tarapyndan hem zaýalanyp bilinýär. (heňli kömelejikler, mör- möjekler, gemrijiler) Şol sebäpden-de muzeýde şolaryň döremegine päsgel berýänwe ýaýramagynyň öňüni alýan şertler döretmek zerur.

Heňli kömelejikler 70% köp-de çyglylyk bolup +20 - + 25C temperaturadahasda köpelýär. Ol howa arkaly aralaşýar. Heňli kömelejikler hemme organiki, hatda käbir organiki däl keramika predmetlerde-de döräp bilýär. Şu ýagdaýda iýmit çeşmesi hökmünde tozanjyklar çykyş edýär. Heňli kömelekler predmetlere mehaniki taýdan zyýan ýetirip bilýär. Onuň yzyny kä halatda restowrasiýa wagtynda-da aýryp bolanok.

Muzeý predmetlerinde we abzallarynda heňiň bolmazlygy üçin olara formalgegidiň 2% spirtli garyndysy bilen wagtly-wagtynda süpürip durmaly.

Muzeý predmetlerine zyýanly mör- möjekleriň içinde – tomzaklar, güýeler,otag siňekleri bellidir.

Olar muzeý jaýyna äpişgeden, gapydan, muzeý predmetleriniň üsti bilen getirilip bilinýär.

Gemrijiler – syçanlar – alakalar – muzeý predmetlerine uly zyýan ýetirip bilýärler. Şol sebäpden-de olaryň döremezligi üçin arassaçylyk we eksponatlar iýmit saklanýan ýerden uzakda bolmaly. Olary dermanlap ýok etmeli.

Muzeý predmetlerini mehaniki şikest ýetirmekden we adatdan daşary ýagdaýlardan goramak düzgüni.

Muzeý predmetlerine mehaniki şikest ýetmeleriň ähtimallyk derejesi birnäçe faktorlar bilen kesgitlenilýär. Olar:

1) Predmetiň ýasalan materialyna ;
2) Materialyň we predmetiň taýýarlanyş tehnalogiýasyna;
3) Predmetiň saklanyşyna;
4) Predmetlerde tozanyn bolmaklygyna ýa-da bolmazlygyna;
5) Predmetleriň ýerleşdirilişine bagly bolýar.

Muzeý predmetlerini mehaniki şikest ýetirmelerden goramak üçin olarda dogry saklanyş ulgamyny, muzeý predmetleri bilen işlemekligiň düzgünlerini berjaý etmek wajypdyr.

Muzeý fondlaryny saklamaklygyň wajyp meseleleriniň biri-de muzeý ýygyndylarynyň ýok bolmagyna ýa-da şikest ýetirilmegine alyp baryp biljek ýagdaýlaryň ýüze çyklmagynyň öňüni almaklyga döretmekdir. Şonuň bilen birlikde eger-de adatdan daşary ýagdaýyň öňüni alyp bolmadyk ýagdaýlarda

muzeý ýygyndylaryny halas etmek meselesi hem wajyp meseleleriň biridir.

Muzeý fondlarynyň abatlygyna ýangyn uly howp salyp biler. Şol sebäpden-de ýangynyň öňüni almak üçin muzeýlerde ähli şertler döredilmelidir. Muzeý predmetlerini ogurlanmakdan goramak hem zerurdyr.

## Edebiýatlar


1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. TDNG. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýaty gullugy. 2007.
2. Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. –Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýaty gullugy. 2007.
3. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. - Aşgabat, 2007.
4. Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy. I tom - Aşgabat, 2007.
5. Gurbanguly Berdimuhamedow "Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr". Aşgabat, TDNG, 2007
6. Gurbanguly Berdimuhammedow. Ösűşiň täz belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1t.- Aşgabat: Tűrkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Baş arhiw műdirligi, Tűrkmenistanyň Prezidentiniň Arhiw gaznasy, 2008**.**
7. Gurbanguly Berdimuhamedow. Döwlet adam üçindir. – Aşgabat, 2008.
8. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. – Aşgabat, 2009.
9. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz. – Aşgabat, 2009.
10. Ata arzuwyny amala aşyran Agtyk. A., TDNG, 2009.
11. Mugallym, esger, ilhalar ynsan. Berdimuhamet Annaýewiñ gahrymançylykly ömür ýoly. A. TDNG, 2010.
12. Türkmenistanyň muzeýleri Aşgabat 2009
13. Instruksiýa po sçetu i hrananiýu muzeýnyh sennosteý, Nahodýaşşihsýa w gosudarstwennyh muzeýah.M.,1984.

14. Aktualnyalnyýe problemy fondowoý raboty muzeýew. M.,1981. .Muzeýewedeniýe. Problemy ispolzowaniýa i sohrannosti Muzeýnyh sennosteý.M.,1985.
15. Zernowa A.R Worobýewa W.P.Režim hraneniýa muzeýnyh Predmetow.M,1978.
16. Knorring G.M. Iskustwennoýe osweşşeniýe muzeýew..,1963.
17. Muzeýler we muzeý işi hakynda Türkmenistanyň kanuny //Türkmenistan. Türkmenbaşy aýynyň 20-si. 1997.
18. Kiriçenko Ýe.N. Istoriçeskiýe muzeý.M., 1984.
19. Muzeýewedeniýe. Muzeýi istoriçeskogo profilýa.M., 1988.
20. Jemgyýetçilik başlangyjy esasynda işleýän muzeýlerde muzeýiň fonduny hasaba almak baradaky instruksiýa. Aşgabat 1992.